**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– EDERMEN DAÝHANLARYMYZ BUGDAÝYŇ HEM PAGTANYŇ, ŞEÝLE-DE BEÝLEKI OBA HOJALYK EKINLERINIŇ BOL HASYLYNY ÝYGNAP, WATAN HARMANYNY BEÝGELDÝÄRLER.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
12-nji ýanwar, 2024. Belgisi 2/1568




# EKIN MEÝDANLARY ÝAZKY EKIŞE TAÝÝARLANÝAR

***8-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde ýerine ýetirilýän işleriň barşy bilen bagly meselelere seredildi.***

Welaýatlaryň häkimleri sebitlerde dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleri barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg işleri alnyp barylýar. Şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş we geriş çekmek işleri geçirilýär. Gowaça ekişinde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny, gurallary möwsüme taýýarlamak, ekişde pagtaçy daýhanlary ýokary hilli gowaça tohumy bilen üpjün etmek üçin kabul edilip alnan tohumlyk pagtany gaýtadan işlemek boýunça zerur işler ýerine ýetirilýär. Şeýle hem welaýatlarda ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekilmeli ýerleri kesgitlenilip, sürüm we tekizleýiş işleri alnyp barylýar. Mundan başga-da, häkimler sebitde ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň we çagalar baglarynyň ýyladyş ulgamlaryny talabalaýyk işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, häzirki wagtda dowam edýän möwsümleýin oba hojalyk işleriniň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň zerurdygyna ünsi çekdi we welaýatlaryň bugdaý meýdanlarynda ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ýerine ýetirilmegini, gowaça ekiljek ýerleri, ýokary hilli gowaça tohumyny ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleriň depginleriniň güýçlendirilmegini üpjün etmegi häkimlere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken «Türkmenistanda 2024-nji ýylda bugdaýyň bol hasylyny öndürmek hakynda» Karary üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, degişli ideg işleri alnyp barylýar. Gowaça ekişine taýýarlyk görmegiň çäklerinde meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, geriş, çil çekmek işleri dowam edýär. Bu işlerde oba hojalyk tehnikalarynyň we gurallarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmak boýunça zerur çäreler görülýär. Ýazky ekiş möwsüminde pagtaçy daýhanlarymyzy ýokary hilli tohumlar bilen üpjün etmek üçin pagta arassalaýjy kärhanalarda tohumlyk pagtany gaýtadan işlemek hem-de tohumlyk gowaça çigitlerini taýýarlamak, olary talabalaýyk saklamak babatda degişli işler dowam etdirilýär. Şunuň bilen birlikde, ýazky ekiş möwsüminde ulanyljak oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary möwsüme taýýarlamak boýunça zerur işler ýerine ýetirilýär. Mundan başga-da, ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekiljek meýdanlary şu ýylyň ýazky ekişine taýýarlanylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmegiň möhümdigini belledi we ýurdumyzyň bugdaý ekilen meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryny berk berjaý etmek arkaly ýerine ýetirilmegini, gowaça ekiljek meýdanlary ekişe taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleriň depginleriniň güýçlendirilmegini, pagtaçy daýhanlar üçin ýokary hilli gowaça tohumlarynyň taýýar edilmegini, gant şugundyrynyň hasylynyň ýygnalyp alynmagyny gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, öňümizdäki ekiş möwsümine talabalaýyk taýýarlyk görmegiň möhümdigine ünsi çekdi we ekişde ulanyljak oba hojalyk tehnikalarynyň, gurallaryň möwsüme doly taýýar edilmegini, ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi tabşyrdy. Şeýle hem welaýatlardaky medeni-durmuş maksatly binalardaky ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegi, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmegi babatda degişli tabşyryklar berildi.

Döwlet Baştutanymyz sanly ulgam arkaly geçirilen iş maslahatyny jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, berkarar Watanymyzyň rowaçlygynyň, mähriban halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegine gönükdirilen giň gerimli işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# Dostlukly gatnaşyklar we netijeli hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar

***8-nji ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmet Demiroky kabul etdi.***

Diplomat ynanç hatyny gowşuryp, döwlet Baştutanymyza we türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowa Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň mähirli sa lamyny ýetirdi. Nygtalyşy ýaly, Türkiýede ösüş ýolundan ynamly öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan bilen däp bolan dostlukly gatnaşyklaryň, netijeli hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkiýäniň ýokary ýolbaşçylaryna we halkyna iň gowy arzuwlaryny beýan edip, dostlukly ýurduň doly ygtyýarly wekilini jogapkärli diplomatik wezipä bellenilmegi bilen gutlady hem-de döwletara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barjak işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan üçin Türkiýe Respublikasy iň ýakyn doganlyk döwletdir. Ikitaraplaýyn gatnaşyklar bolsa uzak möhletleýin strategik häsiýete eýedir.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz we türkiýeli diplomat ýurtlarymyzyň arasyndaky döwletara gatnaşyklaryň hemişe hormat goýmak, birek-birege goldaw bermek ýörelgeleri esasynda ýola goýulýandygyny, halkara syýasatyň özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri, aýratyn-da dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça garaýyşlaryň meňzeşdigini ýa-da gabat gelýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Döwlet Baştutanymyz 2023-nji ýylyň oktýabrynda Türkiýe Respublikasyna bolan resmi saparyny we onuň çäklerinde geçirilen gepleşikleri, işewürlik maslahatyny ýakymly duýgular bilen ýatlaýandygyny belledi. Mälim bolşy ýaly, saparyň dowamynda birnäçe wajyp resminamalara gol çekildi. Häzirki wagtda bu ylalaşyklary durmuşa geçirmek möhüm wezipe bolup durýar.

Türkiýe Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýan iň wajyp ýurtlarynyň biridir. Söhbetdeşler bu ugurda hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna ünsi çekip, şunda Ykdysady



hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparyna we Işewürlik geňeşine aýratyn ornuň degişlidigini bellediler. Şunuň bilen baglylykda, geçen ýylyň dekabrynda Aşgabatda hökümetara toparyň 7-nji mejlisiniň hem-de Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisiniň geçirilmeginiň möhüm ähmiýeti bellenildi. Umumy pikire görä, iki ýurtda sergileriň, özara Medeniýet günleriniň we beýleki medeni çäreleriň yzygiderli geçirilmegi ähli ugurlar boýunça ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gönüden-göni täsir edýär.

Türkmen ýaşlarynyň Türkiýede bilim almagy ýurdumyzyň bilim ulgamynyň kämilleşmegine goşant goşýar. Ýurtlarymyzyň arasynda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlarda ýola goýlan gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek üçin uly mümkinçilikleriň bardygyna hem-de hyzmatdaşlygymyzyň geljekde has-da pugtalandyryljakdygyna berk ynanýaryn diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisini ýurdumyzda işe başlamagy bilen ýene bir gezek gutlady hem-de netijeli döwletara gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna gönükdirilen jogapkärli diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



## Ykdysady ösüşler, guwandyryjy netijeler

**Häzirki döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başda durmagynda ýurdumyzda alnyp barylýan köpugurly durmuş-ykdysady strategiýa döwlet berkararlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň ygtybarly ýoly bolmagynda galýar. Munuň şeýledigini ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde gazanylýan oňyn netijeler hem aňryýany bilen görkezýär.** 3

## Akyldar şahyryň edebi mirasy – umumadamzat gymmatlygy

Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» goşgusyndan ugur alyp, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmet toparlaryndan we raýatlarymyzdan gelip gowşan teklipler göz öňünde tutulyp, Täze – 2024-nji ýyl ýurdumyzda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edildi. 3



## Änew medeniýetiniň halkara ykrarnamasy

**2024-nji ýyl ýurdumyzyň taryhynda, umuman medeniýet ulgamynda iň bir üstünlikli ýyllaryň biri bolar. Sebäbi ýylyň dowamynda iki sany iri çäreler toplumy göz öňünde tutulýar. Ýylyň esasy wakalary «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly hem-de Änew şäheriniň «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi bilen baglanyşykly bolar.**

**Häzirki wagtda Änew şäheriniň 2024-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli geçiriljek dabaralara we çärelere giňden taýýarlyk görülýär.** 3

## Halkara gaznasyna başlyklyk eder

**Gazagystan 2024-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň başlyklygyny öz üstüne aldy. Bu barada ýurduň Suw ätiýaçlyklary we suwaryş ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi.** 4

## Duz görnüşleri we ulanmagyň usullary

**Duz aşhananyň aýrylmaz bir bölegi bolup, nahara datly tagam berýär. Aşpezçilik sungatynda belli-belli duzuň ulanylýandygyna garamazdan, dünýäde şor iýmitiň birnäçe görnüşi bar.** 5

## Ýylyň garaşylýan filmleri - 1

**Her ýyl bolşy ýaly, 2024-nji ýylda-da kino muşdaklaryna biri-birinden gyzykly, özüne çekiji täsin wakalara baý ekran eserleri garaşýar. Şolaryň käbirlerini siziň dykgatyňyza ýetirýäris.** 6




## Şu gün Aziýa Kubogyna, ertir Afrika Milletler Kubogyna badalga berler

**Şu gün Katarda futbol boýunça 18-nji Aziýa Kubogy, ertir Kot-d'Iwuarda 34-nji Afrika Milletler Kubogy ýaryşlary başlaýar. Her ýaryşa-da 24 ýygyndy gatnaşýar.** 7

# Global ykdysadyýetiň ösüş çaklamasy

Bütindünýä banky dünýäde global ösüş barada maglumat taýýarlady. Maglumata görä, dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň 2020-2024-nji ýyllarda 2,2 göterim boljakdygy çaklanylýar. Maliýe edarasy şu ýyl ABŞ-nyň 1,6 göterim, Hytaýyň 4,5 göterim, Ýewro sebitiniň 0,7 göterim ösjekdigini çaklaýar. Global ykdysadyýetiň bolsa ýylyň dowamynda 2,4 göterim ösjekdigi bellenildi.



Bu görkeziji geljek ýyl 2,7 göterim bolar. Şeýle hem maglumatda global ykdysadyýetiň bu ýyl geçen ýyldakydan gowy boljakdygy çaklanylýar. Ösüp barýan ýurtlarda şu ýyl ortaça 3,9 göterim, az girdejili ýurtlarda 5,5 göterim we ösen ýurtlarda 1,2 göterim ösüş gazanyljakdygy aýdyldy. Ýaponiýanyň 2024-nji ýylda 0,9 göterim, geljek ýyl bolsa 0,8 göterim ösmegine garaşylýar. Maglumatda Hytaýyň ykdysadyýetiniň geçen ýyl 5,2 göterim ösendigi, bu görkezijiniň 2024-nji ýylda 4,5 göterim, geljek ýyl 4,3 göterim bolmagynyň çaklanýandygy mälim edildi.

**Pürli PÜRLIÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Döwlet Baştutanymyzyň halkara başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezinde

Mälim bolşy ýaly, geçen ýylyň dekabr aýynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerinde iş saparynda bolup, bu ýerde BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP28) gatnaşdy.




Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda alnyp barylýan ekologiýa diplomatiýasy halkara jemgyýetçiligi tarapyndan hem uly gyzyklanma döredýär. Şonuň üçin hormatly Prezidentimiziň bu ählumumy howa forumynda eden çykyşy Milletler Bileleşiginiň uly goldawyna eýe boldy. Şonuň netijesinde, döwlet Baştutanymyzyň 2023-nji ýylyň 1-2-nji dekabrynda Dubaý şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna (COP28) gatnaşyjylaryň maslahatynyň 28-nji mejlisinde eden çykyşyndaky howanyň üýtgemegi we daşky gurşawyň howpsuzlygy baradaky milli garaýyşlaryň beýany, Baş Assambleýanyň 78-nji mejlisiniň resminamasy hökmünde BMG-niň alty resmi dilinde neşir edildi we ýaýradyldy.

Beýannama Baş Assambleýanyň häzirki mejlisiniň gün tertibiniň «Adamzadyň häzirki we geljekki nesilleriniň bähbidine global howany goramak» hem-de «Merkezi Aziýada parahatçylyk, ynam we hyzmatdaşlyk zolagy» bentleri boýunça neşir edildi.

Bu resminamada, hususan-da, Türkmenistanyň Global Metan borçnamasyna goşulmagy we Birleşen Milletler Guramasynyň Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy bilen bilelikde BMG-niň Merkezi Aziýada Howanyň üýtgemegi tehnologiýalary Sebit merkeziniň Türkmenistanda açylmagy üçin kanuny esas döredilendigi barada habar berilýär.

Döwlet Baştutanymyz ýokary derejeli forumyň münberinden metanyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça halkara tagallalara saldamly goşant goşýan ýurdumyzyň Ählumumy metan borçnamasyna goşulýandygyny hem-de howa meselelerini çözmek boýunça halkara guramalar, hyzmatdaş döwletler bilen işjeň hyzmatdaşlygy dowam etdirjekdigini aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň howa boýunça Pariž ylalaşygyna goşulmagy bilen, birnäçe degişli milli maksatnamalar kabul edildi. Şolara laýyklykda, metanyň daşky gurşawa zyňyndylaryny azaltmaga we olaryň ýaramaz täsirlerini aradan aýyrmaga gönükdirilen çäreler durmuşa geçirilýär. BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň işjeň goldanmagynda ýurdumyz howa boýunça Pariž ylalaşygy esasynda Türkmenistanyň milli derejede kesgitlenen goşandyny, (NDC) taýýarlady we ony 2022-nji ýylyň maýynda tassyklady. Bu strategik resminamada 2030-njy ýylda parnik gazlarynyň zyňyndylaryny 2010-njy ýylyň derejesine görä, 20 göterim azaltmak göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyny, Kioto teswirnamasyny we Pariž ylalaşygyny tassyklap, geçen ýyllaryň dowamynda öz üstüne alan borçnamalaryny üýtgewsiz ýerine ýetirip gelýär. Rejelenen görnüşde tassyklanan Howanyň üýtgemegi baradaky Milli strategiýa ähli pudaklarda, ilkinji nobatda, nebitgaz, ulag, elektroenergetika pudaklarynda, obasenagat toplumynda, gurluşyk senagatynda zyýanly zyňyndylaryň möçberini peseltmäge gönükdirilen yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilmegini göz öňünde tutýar.

Şeýlelikde, BMG-niň Bütindünýä howa sammiti dünýä jemgyýetçiliginiň soňky onýyllyklarda tutuş adamzat üçin derwaýys bolan howanyň üýtgemegi bilen bagly meseläni bilelikde çözmegiň, bu wehime garşy syýasy we ykdysady çäreleri ylalaşykly durmuşa geçirmegiň zerurdygyna düşünýändigini görkezdi.

**Ahmet EÝEBERDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# 140 dilde aýdym aýdyp, rekord goýdy

Geçen ýylyň 24-nji noýabrynda hindistanly 18 ýaşly Suçeta Satişiň Dubaýda beren konserti Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Satiş Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna (COP28) 140 ýurduň ýokary derejeli wekiliýetleriniň gatnaşandygy sebäpli aýdymy 140 dilde ýerine ýetiripdir. Ginnesiň rekordlar kitabynyň wekilleri Hindistanyň Kerala welaýatynda ýaşaýan ýaş gyzyň ýerine ýetiren aýdymlarynyň «bir konsertde iň köp dilde aýdylan aýdym» hökmünde hasaba alnandygyny habar berdiler. Aýdymçy bolsa, öz jemgyýetçilik torunda 9 sagadyň dowamynda 140 dilde aýdym aýdyp, rekord goýandygyny mälim etdi.



Rekordlar kitabynyň resmi internet sahypasynda aýdymyň 140 dilde ýerine ýetirilmeginiň «COP28» sammitine gatnaşan ýurtlara wekilçilik hökmünde simwolik taýdan saýlanandygy bellenildi. Ýaş rekordsmen 150 dilde aýdym aýdyp bilýändigini belläp, daşky gurşawyň goralmagy üçin nämeler edip biljekdigi barada pikirlenip, şeýle konsert bermek netijesine gelendigini aýtdy.

Mundan ozalky rekord hem Satişe degişli eken. Ol 2018-nji ýylda Dubaýda 102 dilde aýdym aýdyp rekord goýupdyr. 2021-nji ýylda bolsa, «Serhetleri aşýan aýdym» şygary astynda 120 dilde aýdymy ýerine ýetiripdir. Aýdymçy başga dillerdäki halan aýdymlarynyň sözlerini terjime etdirip, ilki olaryň manysyny öwrenýän eken. Soňra bolsa ony ene dilindäki ýaly ýerine ýetirmek üçin taýýarlanýan eken.

**Allanur AGAMYRADOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

# Elektrik energiýasy bilen işleýän uçar

Hytaýyň elektrik energiýasy bilen işleýän ilkinji uçary «AG60E»-niň synag uçuşy amala aşyryldy. Kiçi göwrümli howa gämisiniň sagatdaky tizligi 218 kilometre ýetýär. Ýurduň awiasiýa senagaty edarasy (AVIC) tarapyndan uçaryň Siande şäherindäki howa menzilinde ilkinji uçuşyny amala aşyrandygy habar berildi. Bilermenler uçuş wagtynda howa gämisiniň motor we elektron gözegçilik ulgamy, batareýasy, elektrik ulgamlary ýaly ýerlerini synagdan geçirdiler.



Ýeňil sport uçary hasaplanýan «AG60E» AVIC-iň garamagyndaky «Tongfei Yema» kompaniýasy tarapyndan dizaýn edilipdir. Uzynlygy 6,9 metr, ganatynyň gerimi 8,6 metr bolan uçar 3 müň 600 metre çenli belentlige galyp bilýär. Elektrouçar benzin bilen işleýän «AG60» atly uçardan nusga alnyp ýasalypdyr.

**Şageldi MYRADOW,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

# Ýaşlary belent maksatlara ruhlandyrýan gymmatly eser

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň ilkinji günlerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň tanyşdyryluş dabaralary ýurdumyzyň dürli ulgamlarynda ýokary guramaçylykly, işjeň häsiýetde, giň gerimde geçirilýär.



Döwlet Baştutanymyzyň kitabynda milli mirasymyzy gorap saklamak, dünýä ýaýmak babatda edilen işler hem buýsanç bilen ýatlanyp geçilýär, edilmeli işleriň bolsa has köpdügi nygtalýar. Kitapda bilim ulgamynda tapawutlanan ýaşlaryň atlarynyň getirilmegi aýratyn buýsandyrýar.

Tanyşdyryluş dabaralary Türkmenistanyň Söwda toplumynda, şeýle hem ýurdumyzyň gurluşyk we senagat, maliýe we ykdysadyýet toplumlarynyň guramagynda hem geçirildi. Bu tanyşdyryluş dabaralarynda döwlet Baştutanymyzyň ilkinji kitabynyň many-mazmun we bezeg aýratynlyklary, onuň halkymyzy, aýratyn-da, ýaş nesilleri täze üstünliklere, belent maksatlara ruhlandyrmakdaky ähmiýeti dogrusynda giňişleýin gürrüň edildi. Bellenilişi ýaly, bu kitap Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlara täze ösüş menzillerine ýetmekde uly ruhy goldaw hem-de ajaýyp gollanmadyr. Çünki onda Watanyň daýanjy hökmünde ýaşlara uly ynam bildirilýär. Ynam bolsa üstünliklere ýetmekde ruhlandyryjy güýçdür. Hormatly Prezidentimiziň ýaşlaryň geçen ýylyň dowamynda dürli ugurlarda gazanan üstünliklerini buýsanç bilen jikme-jik beýan etmegi olarda mundan beýläk-de Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşmak höwesini artdyrýar.

Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabynyň tanyşdyryluş dabarasy golaýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hem-de Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem ýokary guramaçylyk ýagdaýynda geçirildi.

Geçen ýyl bilim ulgamynda hem belent sepgitlere ýetildi, ýokary netijeler gazanyldy. Hormatly Prezidentimiziň ilkinji kitabynda 2023-nji ýylda halkara ylmy hem döredijilik bäsleşiklerinde, ders olimpiadalarynda, sport ýaryşlarynda üstünlik gazanan ýaşlarymyzyň sanawynyň bolmagy has-da buýsandyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň bu gymmatly kitabynyň tanyşdyryluş dabarasynyň Arkadag şäher häkimliginde geçirilmegi hem özboluşly häsiýete eýe boldy. Çünki hormatly Prezidentimiziň kitabynda Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda açylan Arkadag şäherinde, esasan, ýaşlaryň ýaşaýandygy, bilim alýandygy, hünär öwrenýändigi, zähmet çekýändigi nygtalýar.

**Mahym ATAMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Howa taksilerini öndürer

Koreýa Respublikasynyň «Hyundai Motor Group» kompaniýasy 2028-nji ýyla çenli uçýan taksileri işe girizjekdigini mälim etdi. «Supernal» kompaniýasy bilen bilelikde işlenip taýýarlanan uçar 450 metr belentlikde uçup bilýär. Uçýan ulagyň tizligi sagatda 240 kilometre ýeter. Ulagyň şu ýyl ABŞ-nyň Kaliforniýa ştatynda synagdan geçirilip başlanjakdygy mälim edildi.



Nusgalyk görnüşi görkezilen uçýan taksiniň 8 peri bar. Taksi şäherýaka we şäherara ulanmak maksady bilen işlenip taýýarlanypdyr. Uçýan taksi sessizligi bilen hem tapawutlanýar. Taksi uçýan we gonýan wagty 65 desibel, syýahat wagtynda 45 desibel ses çykarýar. Bu bolsa, gap-gaç ýuwujy maşynyň sesi ýalyrak bolýar.

**Mähri HEMRAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# Nebit-gaz önümçiliginde rekord goýdy

Dünýäniň önümçilik babatda öňdebaryjy ýurdy hasaplanýan Hytaýda geçen ýyl nebit-gaz önümçiligi rekord derejede köp boldy. 2023-nji ýylda ýurtda jemi 390 million tonna deňeçer nebit we tebigy gaz öndürilipdir. Geçen ýyl ýurduň nebit önümçiligi 208 million tonna ýetipdir. Deňiz ýataklaryndan çykarylan nebit umumy önümçiligiň 60 göterimden gowragyny emele getiripdir. Tebigy gaz önümçiligi bolsa, 230 milliard kubmetre ýetip, yzly-yzyna ýedi ýyl, her ýylda 10 milliard kubmetrden gowrak artypdyr.



Şeýlelikde, nebitiň we gazyň umumy önümçiligi 390 million tonna deňeçer bolupdyr.

Hytaýyň milli energiýa edarasynyň wekili Lýu Hon geçen ýylky nebit önümçiliginiň 2022-nji ýyldakydan 3 million tonnadan gowrak artyk bolandygyny mälim etdi. Şeýle hem bu görkezijiniň 2018-nji ýyldakydan 19 million tonna köpdügi habar berildi.

**Aýmyrat ÝOLLYÝEW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

# Ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini berjaý edeliň!

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy döwrebap ýangyn söndüriji hem-de ýangyn söndürilende ulanylýan ýöriteleşdirilen tehnikalardyr beýleki zerur enjamlar bilen yzygiderli üpjün edilýär. Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugynyň işgärleri tarapyndan döwletimizdäki ilatly ýerlerde, eýeçiligiň görnüşine garamazdan ykdysady desgalarda, guramalarda, oba hojalyk ekinleri bilen bagly işleriň alnyp barylýan obasenagat toplumlarynda ýangynyň öňüni alyş çäreleri yzygiderli geçirilýär. Bu çäreler ýangyn döremeginiň öňüni almaga ýardam berýär.

Ýangyn tötänlikde hem döreýär. Emma, köplenç, ýangynyň döremegine adamlaryň özleri sebäp bolýar. Şoňa görä-de, gyş paslynda ýangyn howpsuzlyk düzgünleriniň käbirleri barada ýatladyp geçmegi zerur hasaplaýarys. Tehnologiýanyň ösmegi bilen, el zähmetini ýeňilleşdirýän elektrik togy bilen işleýän dürli elektrik enjamlary giňden ulanylýar. Elektrik enjamlarynyň birikdirijileriniň elektrik togunyň garşylyklaýyn geçip, gyzmagynyň öňüni almak üçin, olaryň berk gysylmagyny üpjün etmeli.

Elektrik enjamlary ulanylanda ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini üpjün etmekde nobatçy işgärler bilen gözükdirme geçirmegi guramaly. Elektrik enjamlary we setleri gözden geçirilende gorag enjamlarynyň guratdygy, ot almaga getirip biljek kada bozulmalarynyň ýokdugy barlanmaly. Wagtlaýyn elektrik setlerini gurmaga hem-de ulanmaga ýol berilmeýär. Diňe wagtlaýyn ýagtylandyryjy enjamlara önümçilik gurluşyk, wagtlaýyn bejeriş-gurnaýyş, heläkçilikleri ýok etmek bilen baglanyşykly işleriň geçirilýän ýerlerinde elektrik geçirijileri ulanmaga rugsat berilýär. Ýangyn howply otaglarda, ýanyjy materiallar, ýanýan gaply önümler saklanýan ammarlarda, goş saklanýan otaglarda elektrik ýagtylandyryjy çyralarda gorag aýna örtükleri bolmaly.



Jaýlary ýyly saklamak üçin elektrik gyzdyryjy enjamlardan peýdalanylanda elektrik ulgamynyň gurnalyşynyň talabalaýyk bolmagyny gazanmaly. Elektrik tok geçirijileriň daşky örtükleriniň toga garşy duruş derejesini barlatmaly. Örtügi zaýalanan, ulanyş möhleti geçen elektrik geçirijileri çalyşmaly. Jaýlaryň elektrik togunda tok gelmegini awtomatik ýagdaýda kesýän goraýjyny gurnap, onuň iş kadasyna hemişe gözegçilik etmeli. Elektrik ulgamyna bir wagtyň özünde aşa köp tok sarp ediji enjamlar birikdirilmeli däl. Elektrik tok geçirijiler birikdirilende ýörite gysgyçlar, kebşirlemek usuly arkaly birikdirilse talabalaýyk bolar. El bilen towlap birikdirilmegi gowşak bolup, toguň garşylykly geçmegine, elektrik geçirijileriň sütünleriniň gyzmagyna getirer. Elektrik gyzdyryjy enjamlary uzak wagt işletmek ýa-da gözegçiliksiz galdyrmak bolmaýar. Mümkin boldugyça gyzdyryjylaryň aşagynda oda durnukly gatlaklar goýulmaly. Elektrik gyzdyryjy enjamlaryň üstlerinde ýuwlan egin-eşikleri, beýleki goşlary guratmak talabalaýyk däldir. Elektrik gyzdyryjylaryň arasyndaky tozanlary wagtynda arassalamaly. Öýden, iş ýerlerden çykyp gitmezden öň, elektrik akymy bilen işleýän enjamlaryň öçürilendigini barlamagy unutmaly däl. Elektrik togy bilen işleýän enjamlar gurnalanda, ulanylanda ýangyn howpsuzlyk düzgünleri berjaý edilse, ýüze çykyp biljek hadysalaryň öňi alnar. Çünki, ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek, howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen anyk çäreleri ýerine ýetirmekden ybaratdyr.

Ýurdumyzyň her bir ýaşaýjysy ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryny berjaý etmäge borçludyr. Janymyza, saglygymyza, jemgyýetiň, döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirýän gözegçiliksiz otdan seresap bolalyň!

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň kapitany.*

# Çeýe Gün batareýasy öndürildi

Koreýa Respublikasynyň öňdebaryjy bilim we tehnologiýa institutynyň (KAIST) hünärmenleri çeýe Gün batareýasyny öndürdiler. Gün batareýasynyň çeýe bolmagy ony dakynylýan kiçi enjamlara oturtmaga oňaýly bolup, elektron enjamlaryň zarýadyny uzak wagt saklamaga mümkinçilik berer. Bilermenler batareýanyň häzire çenli oýlanyp tapylan iň ýeňil, çeýe we iň köp zarýad saklaýan batareýadygyny belleýärler.



Batareýanyň şöhläni elektrik energiýasyna öwürýän gatlagy organik materialdan ýasalypdyr. 40 göterime çenli eplenip bilýän batareýa dakynylýan çeýe enjamlarda ulanmak üçin hem amatly bolar.

**Aýna MERDANOWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Tehnologiýa sergisi geçirilýär

ABŞ-nyň Las-Wegas şäherinde sarp edijileriň elektron enjamlaryna bagyşlanan (CES 2024) sergi geçirilýär. 57-nji gezek geçirilýän sergi 9-12-nji ýanwar aralygynda dowam edýär. Elektron enjamlaryna bagyşlanan iň uly çäreleriň biri hasaplanýan serginiň bu ýylky esasy temasy emeli aň tehnologiýasyna bagyşlanypdyr. Mundan başga-da, sergide «akylly» öý ulgamlary, kosmos tehnologiýasy, saglygy goraýyş tehnologiýasy, kosmetika senagatyna degişli tehnologiýalar, awtomatlaşdyrylan tehnologiýalar we beýlekiler bar. Olaryň arasynda emeli aň bilen işleýän arassaçylyk robotlary, dakynylýan enjamlar, täze çipler oturdylan ýankompýuterler, elektron oýunlar bar.



Sergide 150 töweregi ýurtdan 4 müňden gowrak kompaniýa öz harytlaryny we hyzmatlaryny görkezýär. Gözden geçirilişe 130 müňden gowrak myhman baryp gördi. Sergide diňe elektron enjamlar däl, eýsem, awtoulaglar hem görkezilýär. Sergä «Volkswagen», «Honda», «Mercedes-Benz», «Hyundai», KIA we BMW ýaly iri kompaniýalar täze modelleri bilen gatnaşýar.

**Merjen MEREDOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Ýel kömürden ozdy

Geçen ýylyň soňky çärýeginde Ýewropada ýel energiýasynyň önümçiligi 2022-nji ýylyň degişli döwründäkiden 20 göterim köp boldy. Şeýlelikde, sebitde soňky üç aýda ilkinji gezek ýel beketlerinden alnan elektrik energiýasy kömürden alnan energiýadan öňe geçdi. «Ember» kompaniýasynyň maglumatlaryna görä, Ýewropada 2023-nji ýylyň soňky çärýeginde ýel beketlerinden 193 terawat/sagat elektrik energiýasy öndürilipdir. Bu görkeziji sebit üçin rekorddyr. Degişli döwürde kömürden elektrik energiýasyny alýan beketlerde 184 terawat/sagat energiýa öndürilipdir.



Geçen ýylyň ahyrynda Ýewropa parlamenti ýel turbinasy öndürijilerine maliýe goldawyny bermegi göz öňünde tutýan düzgüni kabul edipdi. Bu syýasatyň ýelden alynýan elektrik energiýasynyň önümçiligini artdyrmagyna garaşylýar. Şu ýylyň ahyrynda Ýewropanyň çäginde ýel fermalarynyň önümçiliginiň artmagyna garaşylýar. «S&P Global» agentliginiň maglumatyna görä, 2024-nji ýylda Germaniýada 8 gigawat, Daniýada 9 gigawat täze ýel beketleriniň gurluşygyna badalga berilmegine garaşylýar. Fransiýanyň günorta kenarlarynda umumy önümçilik kuwwaty 280 megawat bolan iki sany suwüsti ýel bekediniň gurluşygyna başlanmagyna garaşylýar. Ýel we Gün beketleri arassa energiýanyň esasy iki çeşmesi hasaplanýar.

Ýel beketleri adatça, yzygiderli şemal öwüsýän deňizlerde, deňiz derejesinden beýik ýerlerde gurulýar. Gün panelleri bolsa, bulutsyz howaly ýerlerde has köp gurulýar. 2023-nji ýylyň dowamynda bolsa, Ýewropada 604 terawatdan gowrak elektrik energiýasy ýel beketlerinden alnypdyr.

**Döwran KAKAJANOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Ýanwar aýynyň 12-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113194
Belgisi: 2/1568
Tiražy: 9000
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## Bilim olimpiadalary – üstünlikleriň buşlukçysy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bilim ulgamyny has-da ösdürmek, oňa sanly ulgamy ornaşdyrmak, döwrebap mümkinçilikleri döretmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Şunda hünärmenleriň bilim derejesiniň ýokary bolmagyna, işleriň ylmyň esasynda alnyp barylmagyna aýratyn ähmiýet berilýär. Şu nukdaýnazardan bilim özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirilýär, kämil hünärmenler taýýarlanylýar.

Ýurdumyzyň bilim ulgamyndaky özgertmeleriň çäklerinde talyplaryň halkara derejesindäki üstünligini has-da berkitmek, olaryň alýan bilimlerini özleşdirmekleri üçin dürli halkara derejesindäki bilim olimpiadalary geçirilýär. Şeýle olimpiadalary «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem dowam etdirmek göz öňünde tutuldy. Şoňa laýyklykda, 3–8-nji martda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde talyplaryň arasynda IV Açyk halkara matematika olimpiadasyny, 15–20-nji aprelde Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde II Açyk halkara informatika olimpiadasyny, 19-njy aprelde bu ýokary okuw mekdebinde informatika dersi boýun-



ça meýilleşdirilýän bäsleşigiň çäklerinde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe talyp ýaşlaryň ylmy garaýyşlary» atly halkara ylmy-amaly maslahaty we sergini geçirmek meýilleşdirildi. Bu iri halkara bilim bäsleşiklerine Russiýa Federasiýasynyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Rumyniýanyň, Hindistanyň, Türkiýäniň, Belarusuň, Italiýanyň, Özbegistanyň we Gazagystanyň, beýleki birnäçe döwletleriň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň hem işjeň gatnaşmaklaryna garaşylýar.

Uly üstünliklere beslenen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda hem ýurdumyzda birnäçe bilim bäsleşikleri guraldy. Olaryň hatarynda 2023-nji ýylyň 15-nji martynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda materiallaryň garşylygy dersi boýunça ikinji halkara Açyk internet olimpiadasyny, 27-nji mart–1-nji aprel aralygynda Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda nazary mehanika dersi boýunça ikinji Açyk halkara olimpiadasyny hem-de 12-13-nji aprelde Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda iňlis dili dersi boýunça ikinji halkara internet olimpiadasyny agzamak bolar.

Umuman, ýurdumyzda yzygiderli geçirilýän bilim ulgamyndaky halkara olimpiadalar talyplaryň alýan bilimlerini halkara derejesinde özleşdirmegine giň mümkinçilikler döredýär. Mundan başga-da, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary aýry-aýrylykda daşary ýurtlarda geçirilýän halkara ders bäsleşiklerine hem yzygiderli gatnaşýarlar.

**Aýbölek KERIMOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Ykdysady ösüşler, guwandyryjy netijeler

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de gowulandyrmak maksady bilen, 2023-nji ýylyň 14-nji iýulynda hormatly Prezidentimiziň 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini 10 göterim ýokarlandyrmak hakynda gol çeken Permany halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleriň aýdyň subutnamasydyr.



Milli ykdysadyýetimiziň ösüş depgininiň ortaça 6 göterim möçberde saklanmagy ýurdumyzda durnukly ösüşiň gazanylýandygynyň görkezijisidir.

Häzirki wagtda ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek, müşderilere hödürlenýän bank hyzmatlaryny döwrebaplaşdyrmak, töleg ulgamynyň mümkinçiliklerini artdyrmak, milli manadymyzyň hümmetini durnukly saklamak, pul toplumyny kadalaşdyrmak bank ulgamynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ulaglar pudagynyň maddy-tehniki binýadyny kämilleşdirmäge, ilata edilýän ýolagçy hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga uly üns berýär. Şoňa görä-de, ähli amatlyklary bolan häzirki zaman «Boeing» kysymly uçarlary, demir ýol teplowozlaryny we wagonlary, awtobuslary we ýeňil awtoulaglary satyn almak, «Kerki–Ymamnazar–Akina» halkara demir ýolunyň, «Gyzylgaýa–Bereket–Etrek» demir ýolunyň ugrundaky Bereket we Serhetýaka stansiýalarynyň, «Aşgabat–Bereket–Türkmenbaşy» demir ýolunyň aragatnaşyk ulgamlarynyň hem-de halkara derejeli ýolagçy awtomenziliniň gurluşyklaryny, başga-da ençeme iri desgalary maliýeleşdirmek işleri ýeňillikli bank karzlaryň hasabyna üpjün edildi.

Ýurdumyzda amala aşyrylýan ykdysady özgertmelerde bank ulgamynyň işini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine çykarmak we milli pulumyzyň hümmetini ýokarlandyrmagy üpjün etmek ykdysady ösüşimiziň häzirki tapgyrynda ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar.

Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny ösdürmekde hususy pudagyň hem orny uludyr. Oba hojalygynda toplumlaýyn özgertmeleriň amala aşyrylmagy, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegi, ykdysadyýetiň hususy ulgamynyň, kiçi we orta telekeçiligiň hemmetaraplaýyn goldanylmagy netijesinde, bu ulgamda düýpli öňegidişlikler gazanylýar, belent sepgitlere ýetilýär.

Geçen ýyl telekeçilerimiziň oba hojalyk önümleriniň eksportyndan gazanan peýdalary 135 million amerikan dollaryna ýetdi. 2023-nji ýylda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylan 9 azyk, 11 oba hojalyk ugurly önümçilik kärhanalary işe girizildi. Türkmen telekeçileri pomidor eksportunda hem görnetin ösüşler gazandy. Muňa mysal hökmünde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzasy bolan «Altyn gala gurluşyk» hususy kärhanasynyň Russiýa, Gazagystana we Gyrgyzystana pomidor hasylynyň 439 tonnasyny eksport edendigini görkezmek bolar. Mundan başga-da, köp sanly türkmen telekeçileri özleriniň önümlerini daşary ýurt bazaryna çykarýarlar. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da belende galýandygynyň subutnamasydyr.

**Kakageldi BUGRAÝEW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň maliýe-ykdysady bölüminiň müdiri, baş hasapçy.*

## Türkmen-emirlikler: geljegi uly ugurlar

Şu ýylyň ilkinji günlerinde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirliklerinde iki günlük iş saparynda boldy. Uly üstünliklere beslenen saparyň çäklerinde birnäçe möhüm resminamalara gol çekildi.

Birleşen Arap Emirlikleri Türkmenistanyň öňden gelýän we iri söwda-ykdysady hyzmatdaşydyr. Dürli ugurlarda, şol sanda işewürlik düzümi boýunça ikitaraplaýyn gatnaşyklar netijeli ösdürilýär. Emirligiň işewürliginiň geljegi uly türkmen bazarynda eýeleýän ornuny berkitmäge gyzyklanmasy artýar.

Geçen ýyllarda Milli Liderimiziň Birleşen Arap Emirliklerine hem-de BAE-niň Baştutanynyň ýurdumyza bolan resmi saparlary ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge giň mümkinçilikler döretdi. Gahryman Arkadagymyzyň 2007-nji ýylyň awgustynda Birleşen Arap Emirliklerine bolan sapary hem-de BAE-niň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň fewralynda ýurdumyza bolan jogap sapary türkmen-emirlikler gatnaşyklarynyň häzirki zaman taryhynda möhüm sahypalar boldy.

Ýakyn taryha ser salsak, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň 2022-nji ýylyň noýabr aýynda we 2023-nji ýylyň dekabr aýynda BAE bolan saparlary, şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň geçen ýylyň fewral aýynda amala aşyran resmi sapary iki dostlukly döwletiň hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda uly ähmiýete eýe boldy.

Türkmen-emirlikler gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda Hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki toparyň işine uly ähmiýet berilýär. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan we Birleşen Arap Emirlikleri gazylyp alynýan peýdaly zatlaryň gorlary boýunça dünýäniň gurply döwletleridir. Şu nukdaýnazardan, şu gezekki saparyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň öňden gelýän esasy hyzmatdaşlaryndan «Dragon Oil» kompaniýasynyň ýolbaşçylary bilen duşuşygy göz öňünde tutuldy. Şeýle hem «Dragon Oil» kompa-



niýasy bilen «Türkmennebit» döwlet konserniniň, şeýle hem Abu-Dabiniň milli nebit kompaniýasy (ADNOC) bilen bilelikde «Galkynyş» gaz käniniň nobatdaky tapgyryny hem-de metanyň atmosfera zyňyndylaryny azaltmak ulgamynda özara bähbitli hyzmatdaşlyga gönükdirilen möhüm resminamalara gol çekildi. «Dragon Oil» kompaniýasynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda gol çekilen Ähtnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde, kompaniýa Çelekeniň golaýyndaky geljegi uly üç ýatagy özleşdirip başlar. Bu iri kompaniýa ýurdumyzda 2000-nji ýyldan bäri Önümi paýlaşmak hakyndaky ylalaşyk esasynda iş alyp barýar. Häzirki wagtda kompaniýanyň Türkmenistanda 2 müňden gowrak işgäri bar.

Şeýle hem türkmen halkynyň Milli Lideriniň saparynyň çäklerinde raýat awiasiýasy ulgamynda «Dubai Aviation Corporation» (Flydubai) kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygy ösdürmegiň mümkinçiliklerine garalyp, degişli ylalaşyga gol çekildi. Bu iri awiakompaniýa ýurdumyza uçar gatnawlaryny amala aşyrýar. Mundan başga-da, geljekde uçarmanlary taýýarlamak boýunça ýurdumyzyň awiasiýa ulgamy bilen netijeli hyzmatdaşlyk eder. Kompaniýanyň hünärmenleri «Türkmenhowaýollary» agentliginiň hünärmenlerine «Boeing 737» kysymly uçarlary dolandyrmak boýunça tejribelerini paýlaşarlar.

Şeýle hem Türkmenistan bilen BAE söwda-ykdysady gatnaşyklary hem ösdürmäge uly gyzyklanma bildirýär. 2022-nji ýylda iki ýurduň arasyndaky söwda dolanyşygy 1 milliard 300 million dollara (nebit däl söwda) barabar bolup, bu ugurda 49 göterimlik ösüş gazanyldy. Ýakyn geljekde bu görkezijini 2 esse artdyrmak maksat edinilýär.

Iki ýurduň arasynda ylym-bilim we sport ulgamynda hem hyzmatdaşlyklar ösdürilýär. BAE-niň Anwar Gargaş adyndaky diplomatik akademiýasynyň wekiliýeti Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda «Türkmen-emirlikler» kitaphanasyny açdy. Şeýle hem bu diplomatik akademiýa ýurdumyzyň Halkara gatnaşyklary instituty bilen işjeň hyzmatdaşlyk edip, ýaş türkmen diplomatlarynyň hünär derejelerini ýokarlandyrmak babatda hem degişli işleri geçirýärler.

**Guwanç MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Änew medeniýetiniň halkara ykrarnamasy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýylyň dowamynda geçiriljek medeni çäräniň çäklerinde konsert, türki halklaryň suratkeşleriniň, şekillendiriş, amaly-haşam sungatynyň hem-de fotosuratçylarynyň eserleriniň sergisi guralar. Gadymy Änew şäheri adamzat medeniýetiniň gülläp ösen merkezleriniň biridir. Bu şäher asyrlaryň dowamynda dünýä ylmy jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekip gelýär we gadymy döwürlerden bäri tutuş dünýäde bellidir.

Taryhy maglumatlarda ak bugdaýyň ilkinji Watanynyň Türkmenistandygy bellenilýär. Bäş müň ýyl mundan ozal Änewiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapylypdyr. Şonuň üçin ata Watanymyz – ak bugdaýyň Watanydyr. Ol hem Ahal welaýatynyň Änew şäheri bilen bellidir. Ýüz ýyldan gowrak mundan ozal Peterburg uniwersitetiniň professory, meşhur gündogary öwreniji W. Bartoldyň gözegçiliginde işlän amerikaly arheolog Rafael Pampelli gadymy Änew harabaçylygynda gazuw-agtaryş işlerini geçirende gadymy ak bugdaýyň galyndylaryny tapdy.



Häzirki wagtda bu ýerde «Ak bugdaý» muzeýi döredildi. Ol 2005-nji ýylda gurlup ulanmaga berildi. Änew medeniýetiniň ilkinji iki döwri eneolit zamanyna degişli bolup, ol takmynan b.e.ö. V-III müňýyllyklary öz içine alýar. Soňky iki döwür bolsa bürünç-demir asyryna degişli bolup, b.e.ö. II-I müňýyllyklar bilen senelenýär. Änew orta asyr şäheri bolup, ol Aşgabat şäherinden günorta-gündogarynda ýerleşýär. Ýadygärligiň köp gatlaklydygyna toplanylan arheologik maglumatlar şaýatlyk edýär. Änew galasynyň has irki gatlagy antik döwrüne degişlidir. Arheologiýa barlaglarynyň netijesinde anyklanylyşy ýaly, şäherde we onuň töweregiňde joşgunly durmuşyň bolandygyny häsiýetlendirýän gurluşyklar az däl.

Änew topragyndaky taryhy ýadygärlikleriň biri hem gadymy Seýitjemaleddin metjididir. Seýitjemaleddin ady bilen belli bolan orta asyr metjidi barlagçylaryň ünsüni köp gezek özüne çekdi. Bu ýadygärlik dört desgadan – metjitden, onuň öňündäki kümmetiň üstündäki binadan hem-de beýik gümmezli iki sany jaýdan ybaratdyr. «Seýitjemaleddin metjidi» ady bilen belli bolan bu ymarat 17 otagdan ybarat bolup, onuň merkezinde üsti gümmezli, her tarapy 10,5 metre barabar bolan otag ýerleşipdir. Otagyň diwarlary üç bölege bölünipdir. Metjidiň demirgazyk tarapdan howlusyna çykylýan giň eýwan bolupdyr.

**Merjen ORAZMUHAMMEDOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Magtymguly Pyragy ussatlaryň dilinde

Türkmen halk aýdym-sazlary asyrlarboýy nesilden-nesle geçip, barha ösüp, kämilleşip gelipdir. Türkmen nusgawy şahyrlarynyň naýbaşy eserleriniň biziň günlerimize çenli gelip ýetmegine bagşylarymyzyň uly hyzmatynyň bolandygy jedelsizdir. Türkmenleriň geçmişde Balkan welaýatynda ýomut-gökleň ýolunyň düýbüni tutan Çarykly, Gyr bagşy, Sörtük Gyzyl, Garadäli gökleň, Aly Seýit, Annameňli Sakgar, Wejan kör, Oraz (Orazsähet), Gurby bagşy, Söýün bagşy, Hojanepes Çowdur, Hudaýberdi bagşy, Hanmämmet Allanur ogly, Gurbanýaz gyjakçy, Saparmämmet, Mämmetweli, Çörli bagşy, Rejepmyrat Nepes ogly ýaly biri-birinden görnükli, joşgunly bagşy-sazandalary bolupdyr. Asyl köki bir bolan halk aýdym-sazlarymyz bäş welaýatda hem özüniň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Şol ýollaryň biri-de ýomut-gökleň bagşyçylyk ýoludyr. Beýiklerden tälim alan bagşyçylyk senediniň bu ýoluny dowam etmegine uly goşant goşan ussatlar Türkmenistanyň halk artisti Nurberdi Gulow, Türkmenistanyň halk bagşysy Aşyrmämmet Dawudow, Türkmenistanyň halk bagşysy Döwletgeldi Ökdürow, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Nurmuhammet Garlyýew, halypa bagşy Molla Çäkliýew, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Wary Aýjanow, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Akmämmet Nurmämmedow, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Aşyr Gurbanow, bagşylar Aşyr Annadurdyýew, Nurýagdy Zypdalyýew dagyny agzamak bolar.

«Magtymguly, sözlerim saza goşsaň uz bolar» diýşi ýaly, şahyryň sözlerine aýdym aýtmaýan bagşy ýokdur. Şahyryň umman ýaly giň we çuň, köptaraply, ideýa-mazmuna baý döredijiligine türkmen halkynyň däbine, dessuryna, ruhy ýörelgesine öwrülen, halallyk, agzybirlik, ahlaklylyk, edeplilik, adyllyk, pespällik baradaky nesihatlara ýugrulan goşgulary esasy orny eýeleýär. Onuň goşgulary türkmen bagşylarynyň aýdýan aýdymlarynyň hamyrmaýasydyr. Şolaryň käbirleriniň döredijiligine ser salalyň.

Türkmenistanyň halk artisti Nurberdi Gulow Magtymguly Pyragynyň sözlerine köp aýdym aýdypdyr. Şahyryň «Dag saýar», «Sil biläni», «Soňudagy», «Aýa döndi», «Ýoldaş bolan», «Läle getirmiş», «Duman gitmezmiş», «Mätäç eýleme» ýaly goşgularyny aňyrdan gelýän halk heňlerine salyp, uz aýdymlara öwrüpdir.

Türkmen bagşyçylyk sungatynyň ýomut-gökleň ýerine ýetirijilik ugrunda özboluşly yz goýan bagşylaryň ýene biri hem Türkmenistanyň halk bagşysy Aşyrmämmet Dawudowdyr. Ol şahyryň goşgularyna aýdan «Keçdir ýaranlar», «Ýar olmagyn», «Dert iňňildär», «Sil galmaz», «Ýat bolar», «Läş üstüne», «Meýdan ýoluksa»,



«Ozan geler», «Nowruzdan seni», «Ýekäniň», «Näbilsin», «Dagy bäş», «Muhammet», «Bady-sabany görsem», «Kepderi», «Solan ýalydyr», «Görüm-görülmegen ýerde», «Byragyň», «Ýigitlik çagy», «Ýagşydyr», «Bellidir» ýaly aýdymlary halk heňlerine salyp, uz aýdymlara öwrüpdir.

Türkmenistanyň halk bagşysy Döwletgeldi Ökdürowyň hemme aýdan aýdymlaryny ylmy nukdaýnazardan seljermesi bar eken. Muňa bagşynyň Kerim Gurbannepesowyň sözlerine «Pyragyny gören daglar», Magtymguly Pyragynyň sözlerine «Gözellerden zyýada», «Don gerek», «Durasyň geler», «Aýryldym», «Istemen», «Gidiji bolma», «Kyly-kal bolar», «Pygan eglenmez», «Gitmezmiş» ýaly aýdymlaryny mysal getirmek bolar. Halypa bagşy türkmen halkynyň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň gymmatly setirlerini halkymyza wagyz edip şu günlere miras goýupdyr.

Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Nurmuhammet Garlyýew Magtymguly Pyragynyň sözlerine «Ýaranlar», «Boýlaryňa», «Halyma meniň», «Gülgüzar oýnaşar», «Halyňa» ýaly şirin-şeker aýdymlary aýdypdyr we soňky nesillere nusgalyk goýupdyr.

Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Wary Aýjanowyň Magtymguly Pyragynyň sözlerine aýdan «Il ýagşy», «Kim biler», «Galmady», «Atça bolmaz», «At galmady», «Uçar gider», «Soňudagy» ýaly aýdymlary halkymyzyň söýüp diňleýän aýdymlarydyr.

Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Akmämmet Nurmämmedowyň Magtymguly Pyragynyň sözlerine aýdan «Aýa döndi», «Baglar heý», «Don gerek», «Soňudagy», «Söwüş bile», «Sil galmaz» ýaly aýdymlary radioýaýlymlarda häli-şindi ýaňlanyp, soňky nesiller üçin özboluşly nusga bolup durýar.

Halypa bagşy Molla Çäkliýewiň hem Pyragynyň sözlerine aýdan «Turgul diýdiler (düýş)», «Bady-sabany görsem», «Sarp eýleýir aşyny», «Amana geler», «Ýekäniň», «Läle getirmiş», «Daş döker» ýaly aýdymlaryny görkezmek bolar.

Halypalaryň miras goýup giden ýoluny döwürdeş bagşy-sazandalarymyz içgin öwrenip, asyl akabany döredijilikli dowam etdirýärler. Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Ýegendurdy Nejepow, Türkmenistanyň at gazanan bagşysy Ahmet Mededow, Türkmenistanyň at gazanan artisti Aýtäç Dawudowa, Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri Gulmergen Gulow, bagşylar Tagandurdy Mämmedow, Güýçberdi Bendow, Hoja Bugraýew, Hydyrmämmet Orazgulyýew ýaly bagşylar halypalaryň yzyny dowam etdirijiler bolup, häzirki günlerimizde ýaşlara halypalyk edýärler.

**Ogulşat BUGRAÝEWA,**
*Balkanabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiň aýdym-saz mugallymy.*

## Akyldar şahyryň edebi mirasy – umumadamzat gymmatlygy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga goýulýan hormat-sarpa diýseň ýokary. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň toýlanyljakdygy hem muňa şaýatlyk edýär. Bu ýylyň tutuş türki dünýäsinde hem «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» şygary astynda geçjekdigini bellemek gerek.

Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi we ÝUNESKO-nyň baş maslahatynyň 42-nji mejlisinde Türkmenistan tarapyndan teklip edilen Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygynyň 2024-2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenilip geçiljek şanly seneleriň sanawyna goşulmagy halkymyzyň göwün guşuny ganatlandyrdy.



Bütin dünýä ady dolan Gündogaryň akyldar şahyry, türkmen nusgawy edebiýatynyň düýbüni tutujy Magtymguly Pyragynyň döredijiligi ata-babalarymyz tarapyndan müňýyllyklaryň dowamynda toplanan medeni mirasyň merjenidir. Şahyryň türkmen halkynyň durmuş pelsepesine öwrülen ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri we ýörelgeleri bu gün millionlarça adamlaryň ýüregine hem-de duýgularyna örän oňaýly täsir edip, özboluşly durmuş şygaryna öwrüldi. Şahyryň döredijilik mirasy bahasyna ýetip bolmajak milli gymmatlyk hökmünde dünýä medeniýetiniň genji-hazynasynyň aýrylmaz bölegidir.

Ýurdumyzda şahyryň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan ençeme kitaplar neşir edildi. Şeýle-de, Magtymguly Pyragynyň daşary ýurtlarda özbek, hindi, german, türk we arap dillerinde neşir edilen goşgular ýygyndylary şahyryň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanýar. Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatry tarapyndan «Magtymguly Pyragy» atly drama eseriniň, Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatry tarapyndan sahnalaşdyrylan «Magtymguly» operasynyň görkezilişiniň ähli welaýatlarda guralmagy, Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komiteti tarapyndan Magtymguly Pyraga bagyşlanan çeper we dokumental filmleriň surata düşürilmegi şahyra goýulýan sarpanyň aýdyň subutnamasydyr. Şeýle hem Magtymguly Pyragynyň ömrüne we döredijiligine bagyşlanan teleradiogepleşikler toplumlary ýaýlymlarda yzygiderli berilýär.

Dünýä edebiýatyna uly goşant goşan dana türkmen şahyryna belent sarpa goýmak babatda türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyz deňsiz-taýsyz tagallalary amala aşyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň Magtymguly Pyragynyň edebi mirasynyň öwrenilmegine we ebedileşdirilmegine gönükdirýän tagallasy örän giň möçberlidir. Şonuň netijesinde akyldar şahyrymyzyň şan-şöhraty, şygryýet mirasy, umumadamzat aňyýetini ösdürmäge saldamly goşant goşýan paýhas-pelsepesi aýratyn belent derejelere galýar.

Şu ýylyň dowamynda Magtymguly Pyragynyň eserlerine, ömrüne we döredijiligine, türkmen halkynyň edebiýatyna, taryhyna degişli Russiýanyň, Özbegistanyň, Wengriýanyň we Täjigistanyň golýazma hazynalarynda, kitaphanalarynda saklanýan çeşmeleri, golýazma eserleri gözlemek, tapmak, olaryň elektron we mikrofilm nusgalaryny ýurdumyza getirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň alymlary birnäçe ylmy-döredijilik iş saparlarynda boldular. Şol saparlaryň netijesinde, türkmen edebiýatyna, taryhyna degişli jemi 200-e golaý golýazmanyň elektron nusgasy ýurdumyza getirildi. Şolaryň arasynda Magtymguly Pyragynyň goşgularynyň hem bolmagy guwandyryjydyr.

Ynsanperwerligiň beýik waspçysy Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy – umumadamzat edebi-ruhy gymmatlygyna öwrülen döredijiligi Watan, il-halk, dostdoganlyk, parahat durmuş, ýagty geljek baradaky parasatly pikir-garaýyşlary özünde jemleýär. Şahyryň kämil ynsan, kämil jemgyýet baradaky öňe süren ideýalarynyň umumadamzat bähbidine gönükdirilen möhüm ugurlary Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän beýik işlerde özüniň mynasyp beýanyny tapýar.

**Muhammet MYRADOW,**
*Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň prokurorynyň kömekçisi, 3-nji derejeli ýurist.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Emeli aň arkaly janlandyrylar.** Şu ýylyň noýabr aýynda Londonda we dünýäniň beýleki şäherlerinde «Elvis Evolution» şow-görkezilişi guralar. Tomaşaçylar sahnada Elwis Presliniň gologrammasyny görüp bilerler. Elwis Presli aradan çykandan 47 ýyl soň, sahna gaýdyp gelýär. Rok we roll şasy emeli aňyň kömegi bilen janlandyrylar.



**Baýlygy 100 milliard dollara ýetdi.** «L'Oreal» kosmetika kompaniýasynyň mirasdüşeri Fransuaza Maýers dünýäde baýlygy 100 milliard dollara ýeten ilkinji zenan boldy. 70 ýaşly Maýers bahasy 268 milliard dollar bolan kompaniýanyň başlygynyň orunbasarydyr. Ol we onuň maşgalasy paýnamalaryň 35%-ine eýeçilik edýär.



**Dünýäniň iň güýçli pasporty.** Ispaniýanyň pasporty dünýäniň iň güýçli pasporty boldy. «VisaGuide.World» saýty tarapyndan düzülen bu sanawda Ispaniýa «Henley» pasport indeksinde birinji orunda gelýän Singapurdan öňe saýlandy. Üçünji orunda Germaniýa, ondan soň Italiýa, Fransiýa, Niderlandlar, Finlýandiýa we Şwesiýa gelýär.



**Gar barsy milli nyşan boldy.** Gar barsy Gyrgyzystanyň milli nyşany boldy, degişli Permana Prezident Sadyr Žaparow gol çekdi. «Gadymy gyrgyz halkynyň medeniýetinde gar barsy beýikligi, asyllylygy, batyrlygy, gaýduwsyzlygy we çydamlylygy alamatlandyrýar» diýip, Prezidentiň metbugat gullugy habar berýär.



**Barmaly nokadyna ýetdi.** Hindistanyň Güni öwrenmek üçin niýetlenen kosmos obserwatoriýasy «Aditya-L1» Ýerden 1,5 million kilometr uzaklykda ýerleşýän «Lagranž L1» nokadynyň çäklerindäki galo-orbitasyna 6-njy ýanwarda üstünlikli bardy diýip, Hindistanyň kosmos gözleg guramasy (ISRO) habar berdi.



**Notr-Dam gapylaryny açar.** Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron fransuzlaryň durmuşynda 2024-nji ýylyň buýsanç we umyt ýyly boljakdygyny aýtdy. Bu ýyl Parižde Olimpiýa oýunlary geçiriler we Notr-Dam öz gapylaryny giňden açar. XII asyrda gurlan ybadathanada 2019-njy ýylda ýangyn bolup, onuň köp bölegi ýanypdy.



**Daş iri göwher bolup çykdy.** ABŞ-nyň Arkanzas ştatynyň ýaşaýjysy Jerri Ewans ştatyň «Crater of Diamonds» milli seýilgähinde gezelenç edip ýörkä, aýnapisint üýtgeşik daşyň üstünden bardy. Ol bu daşy Gemmologiýa institutyna tabşyrandan birnäçe gün soň daşyň 4,87 karatlyk göwherdigini habar berdiler.



**«Tetris»-den rüstem geldi.** ABŞ-nyň Oklahoma ştatyndan 13 ýaşly Willis Gibson atly bir oglanjyk dünýäde ilkinji gezek «Tetris» oýnunyň ahyryna çenli ýetmegiň hötdesinden geldi. Gibson «ýykylan gurluşyk bloklaryny hatara düzmegi» öz içine alýan tapmaçanyň 157-nji derejesine çykmagy başardy. Munuň üçin oňa 38 minut gerek boldy.



**100 sagatlap surat çekdi.** Ýaş suratkeş 100 sagatlyk surat bäsleşigini gurap, 10 ýyl mundan öňki iň dowamly surat çekiş boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Nigeriýadan ABŞ-a okamaga gelen suratkeş Çensellor Ahagotu 2013-nji ýylda 60 sagatlap surat çeken Roland Palmaýerts tarapyndan goýlan öňki rekorddan üstün geldi.



**Gonuş moduly Aýa uçuryldy.** 8-nji ýanwarda Floridanyň Kanaweral burnunda «Vulcan» raketasynyň uçurylyşy amala aşyryldy. Raketanyň bortundaky ilkinji gonuş moduly bolan «Peregine» Aýyň üstüne togsan kilogram töweregi ýük eltmeli. Modulyň bortunda Aýyň üstki gatlagyny öwrenmek üçin enjamlar we gurallar bar.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Milli astronomiýa jemgyýetleri dünýäniň köp ýurtlarynda bar, ýöne olaryň iň gadymysy 1820-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Londonda döredilen Angliýanyň Korollyk astronomiýa jemgyýetidir. Jon Gerşel we şol döwrüň beýleki görnükli astronomlary şeýle jemgyýeti döretmegiň başyny başladylar.**



# «NAMIBIÝA GÖZELI» DALAŞGÄRLIK ETMEKÇI

**2022-nji ýylyň «Namibiýa gözeli» derejesiniň eýesi Kassia Şarpli ýurtda geçiriljek Prezident saýlawlaryna öz dalaşgärligini hödürlemek niýetiniň bardygyny aýtdy. Bu barada ýurduň «The Namibian» gazeti habar berdi.**



**Ýurtda nobatdaky Prezident saýlawlary şu ýylyň noýabr aýynda geçirilmeli.**

**23 ýaşly Şarpli öz muşdaklaryndan syýasy karýerasynyň gidişine gözegçilik etmek üçin jemgyýetçilik ulgamlaryndaky öz akkauntyna ýazylmaklaryny haýyş etdi. Ol deňhukuklylyk we adalatlylyk esasynda prezidentlige dalaşgär bolmak isleýändigini aýtdy. Onuň kakasy SWAPO dolandyryjy partiýasynyň abraýly agzasy Marson Şarpli gyzynyň gowy bilim alandygyna we syýasatdan baş çykarýandygyna ynanýar.**

**– Elbetde, meniň ýeňiş gazanjakdygyma ynamym az. Ýöne men ýaş zenan hökmünde, düýpli üýtgeşmeler amala aşyrmak üçin täsirimi ýetirjekdigime ynanýaryn. Bizde ýeterlik baýlyk-da, zähmet gorlary-da bar, ýöne häzirki dünýäde üstünlik gazanmagyň nämäni aňladýandygyna düşünýän nesil üçin maýa goýumlaryny çekmek we iş ýerlerini döretmek üçin gyssagly çäreler ýeterlik däl – diýip, Kassia Şarpli aýtdy.**

**Gözellik bäsleşiginiň ýeňijisi Namibiýanyň ilatynyň 43%-iniň garyplykda ýaşamagyny kabul ederlikli däl hasaplaýar. Prezident wezipesine saýlanan halatynda ol ýaşlary ýurduň ösmegine täsirini ýetirjek taslamalaryň durmuşa geçirilişine çekmegi maksat edinýändigini belledi.**

**Namibiýa – Günorta-Günbatar Afrikada ýerleşip, ýurduň ilaty 2 million 755 müň adama barabardyr.**

# Prezident saýlawlary geçiriler

Şu ýylyň maý aýynda Litwada Prezident saýlawlary geçiriler. Ýurduň saýlaw topary geçen ýylyň noýabr aýynda ýurtda saýlaw kampaniýasynyň başlandygyny mälim edipdi. Seýmiň kararyna görä, (milli parlament) saýlawlar 12-nji maýa bellenildi. Zerur bolan halatynda 26-njy maýda ikinji tapgyry meýilleşdirilýär.

Ýurduň Premýer-ministri Ingrida Şimonite, ýaragly güýçleriň öňki serkerdesi Waldas Tutkus, Kazlu-Ruda şäheriniň häkimi Mantas Waraşka, öňki saglygy goraýyş ministri Aureliýus Weriga, lukmançylyk ylymlary boýunça professor Eduardas Waýtkus, jemgyýetçilik işgäri Antanas Kandrotas we NATO-nyň Baş sekretarynyň öňki orunbasary Giedrimas Ýeglinskas dagy döwlet Baştutany wezipesine dalaş etmekçi.

Litwanyň Prezidenti Gitanas Nauseda maý aýyndaky saýlawlara dalaşgärlik etjekdigini mälim etdi. Nauseda 2019-njy ýylda ikinji tapgyrda häzirki Premýer-ministr Ingrida Şimoniteni ýeňip, Prezident saýlandy. BNS agentliginiň habaryna görä, häzirki 59 ýaşly döwlet Baştutany, ikinji gezek ýurda ýolbaşçylyk etmek üçin geçirilen pikir soralyşyklarda öňdebaryjy dalaşgärleriň biri boldy. Konserwator Ingrida Şimonite onuň esasy



garşydaşy hasaplanýar. Umuman alanyňda, 10-dan gowrak dalaşgär saýlawlara gatnaşjakdygyny mälim etdi.

Demirgazyk Ýewropada ýerleşýän Litwanyň 2 million 866 müňden gowrak ilaty bar. Baltika deňzine çykalgasy bolan bu ýurt Latwiýa, Belarus, Polşa we Russiýanyň Kaliningrad sebiti bilen serhetleşýär. Paýtagty Wilnýus. Litwa 2004-nji ýyldan bäri Ýewropa Bileleşiginiň agzasydyr.

# Kuweýtiň täze Hökümet Başlygy

Kuweýtiň Emiri şeýh Maşaal Al-Ahmed Al-Jaber Al-Sabah ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine şeýh Muhammet Sabah Al-Salem Al-Sabahy belledi. Bu barada Emiriň kararynda bellenilýär.

Karara laýyklykda, täze Premýer-ministr Emir tarapyndan tassyklanan indiki Ministrler Kabinetiniň agzalaryny hödürlemeli, şeýle hem Milli Assambleýada – Kuweýtiň bir palataly parlamentinde hökümetiň gurulýandygy barada hasabat bermeli. Bu karar hökümetiň «Al-Kuweýt Al-Yawm» gazetinde çap edilenden soň güýje girýär.

Şeýh Maşaal 16-njy dekabrda aradan çykan Kuweýtiň Emiri şeýh Nawaf Al-Ahmed al-Jaber Al-Sabahyň mirasdüşeri boldy. Täze Emir Milli mejlisde kasam kabul edenden soň, Kuweýtiň Hökümeti işinden çekildi. Şeýh Maşaal öňki Premýer-ministr Şeýh Ahmed Nawaf Al-Ahmed Al-Sabahyň 20-nji dekabrda hökümetden çekilmegi baradaky haýyşyny kabul etdi.

Täze Premýer-ministr şeýh Muhammet Sabah Al-Salem Al-Sabah 1955-nji ýylda doguldy. Ol Klermont uniwersitetinde ykdysadyýet boýunça bakalawr derejesini we



Garward uniwersitetinde hem filosofiýa boýunça doktor derejesini aldy. Şeýh Muhammet 1993-2001-nji ýyllar aralygynda Kuweýtiň ABŞ-daky ilçisi bolup, ýurduň hökümetinde daşary işler ministri bolup işledi.

# Şeýh Hasina gaýtadan saýlandy

7-nji ýanwarda Bangladeşiň dolandyryjy «Awami Lig» partiýasynyň başlygy Şeýh Hasina Günorta Aziýanyň bu ýurdunda geçirilen ählumumy parlament saýlawlarynda ýeňiş gazandy. Saýlaw topary tarapyndan ýaýradylan resmi beýanata görä, Şeýh Hasinanyň ýolbaşçylygyndaky «Awami Lig» partiýasy parlamentdäki 298 ornuň 222-sine eýe boldy.

Şeýlelik bilen, partiýanyň lideri, 2009-njy ýyldan bäri ýurdy dolandyrýan häzirki Premýer-ministr Şeýh Hasina yzly-yzyna dördünji gezek, syýasy karýerasynda bäşinji gezek Hökümet Başlygy wezipesine eýe boldy.

Ýurduň taryhyndaky 12-nji saýlawlara gatnaşyk pes bolup, takmynan 40%-e deň boldy. Ses berişligiň netijelerine görä, dolandyryjy partiýanyň dalaşgärleri ýurtdaky saýlaw uçastoklarynyň köpüsinde öňdeligi eýeledi.

10-njy ýanwarda Bangladeşiň Prezidenti Muhammet Şahabuddin dolandyryjy «Awami Lig» partiýasynyň 76 ýaşly lideri Şeýh Hasinany ýurduň täze Premýer-ministri wezipesine belledi. Şeýle hem, Prezident Muhammet Şahabuddin täze hökümet gurmagy Şeýh Hasina teklip etdi. Hasina partiýasynyň beýleki kanun çykaryjylary



bilen bilelikde şol gün parlamentiň agzasy hökmünde kasam etdi.

Bangladeş Günorta Aziýada, Hindistanyň gündogarynda ýerleşýän we Bengal aýlagynyň kenaryndaky ýurt. Ýurtda 169 milliondan gowrak ilat ýaşaýar. Ýurduň paýtagty Dakka şäheridir.

# Fransiýanyň iň ýaş Premýer-ministri

Fransiýanyň bilim ministri Gabriel Attal Premýer-ministr wezipesine bellendi. Bu baradaky karara ýurduň Prezidenti Emmanuel Makron gol çekdi. Şu ýylyň 8-nji ýanwarynda 2022-nji ýylyň maý aýyndan bäri Premýer-ministr wezipesinde işläp gelýän Elizabet Born wezipesinden çekilýändigini mälim etdi.

Şeýlelikde, 34 ýaşly Gabriel Attal Fransiýanyň taryhynda iň ýaş Hökümet Başlygy boldy. Attal 1989-njy ýylyň 16-njy martynda Parižiň etegindäki Klamar şäherçesinde dünýä inýär. Ol Parižiň Syýasy ylymlar institutynda bilim alandan soň, Pariž II uniwersitetine girip, hukuk boýunça hünärmen bolýar. Attal özüniň syýasy karýerasyny Sosialistik partiýanyň hataryndan



başlady. Ol Makronyň «Renessans» partiýasyna agza bolandan soň, döwlet Baştutanynyň ýakyn hyzmatdaşy boldy. Soňra ýaş syýasatçy parlamente saýlandy, 2020-nji ýylda Makronyň teklibi bilen Attal döwlet sekretary hem-de hökümetiň resmi wekili boldy.

Ol 2022-nji ýylyň maý aýynda Ykdysadyýet ministrliginde döwlet hasaplaryna jogapkär ministr wezipesine bellendi. 2023-nji ýylyň iýul aýynda oňa Bilim ministrligine ýolbaşçylyk etmek ynanyldy. Syýasy bilermenler Attalyň täze wezipesindäki esasy maksatlarynyň biriniň dolandyryjy «Renessans» partiýasynyň iýun aýynda Ýewropa Parlamentine geçiriljek saýlawlarda üstünlik gazanmagyny üpjün etmekden ybarat boljakdygyny çaklaýarlar.

# WAGTLAÝYN BAŞLYGY BOLAR

Wezipe möhleti 2024-nji ýylyň noýabr aýynyň ahyrynda tamamlanýan Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Şarl Mişel, Ýewropa parlamentine geçiriljek saýlawlara gatnaşjakdygyny we tomusda wezipesinden çekiljekdigini mälim etdi. Mişel Belgiýanyň öňdebaryjy habar beriş serişdeleri bilen söhbetdeşlikde şu ýylyň iýunynda geçiriljek Ýewropa parlamentiniň saýlawlaryna gatnaşmak kararyna gelendigini aýtdy. Ol Ýewropa Geňeşiniň Başlygynyň wezipesini Ýewropa parlamentiniň agzasynyň işi bilen gabat getirip bolmajakdygyny, şonuň üçin saýlanan halatynda 16-njy iýulda ýagny, Ýewropa parlamentiniň deputatlary kasam kabul etmezden öň işinden çekiljekdigini aýtdy.

Ýewropa Bileleşiginiň «Politico» neşiri Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Şarl Mişeliň wezipesinden çekilmegi bilen baglanyşykly bolup biljek wakalar baradaky garaýyşlaryny mälim etdi. Şarl Mişel iýul aýynda wezipesinden



çekilse, Ýewropa Bileleşiginiň liderleri mirasdüşer barada tiz ylalaşmaly bolar diýip, neşir ýazýar. Bileleşigiň Liderleri Mişeliň oruntutary barada çalt ylalaşyk gazanyp bilmeseler, Ýewropa Geňeşiniň başlyklygy 2024-nji ýylyň iýulyndan dekabr aýyna çenli Wengriýanyň Premýer-ministri Wiktor Orbana wagtlaýyn geçer. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň başlyklygy rotasiýa esasynda alty aý möhlet bilen Bileleşigiň bir agzasyndan beýlekisine geçýär.

Şeýlelikde, Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşiniň häzirki Başlygy Şarl Mişel Ýewropa parlamentine geçiriljek saýlawlara ilkinji gezek dalaşgär bolýar, şeýle hem ilkinji gezek möhletinden öň wezipesinden çekilýär. Hakykatda, Mişel şu ýylyň noýabr aýynyň ahyryna çenli öz wezipesinde galmalydy. Ýewropa Bileleşiginiň 27 ýurdunda 6-9-njy iýunda geçiriljek Ýewropa parlamentiniň saýlawlaryndan soň, Ýewropa liderleri 17-nji iýunda, soňra bolsa, 27-28-nji iýunda duşuşarlar. Hut şu maslahatlarda Mişeliň ornuna kimiň gelýändigi barada belli bir ylalaşyk gazanmaga tagalla ederler.

# STG importy rekord derejä ýetdi

**2023-nji ýylda Ýewropa terminallaryndan suwuklandyrylan tebigy gazyň (STG) Ýewropa Bileleşiginiň gaz geçiriş ulgamyna akymlary rekord derejä ýetdi we 131 milliard kubmetrden geçdi. Bu geçen ýyl bilen deňeşdirilende, 1,9% köpdür. Şeýlelik bilen, geçen ýyl Ýewropa ýurtlary tarapyndan suwuklandyrylan tebigy gazyň importy rekord derejede ýokary boldy.**



**Geçen ýylda suwuklandyrylan tebigy gaz Ýewropada gaz üpjünçiliginiň 40%-ini emele getirip, birinji orny eýeläpdir. Bu barada Ýewropanyň gaz geçiriş ulgamynyň operatorlarynyň maglumatlarynda mälim edilýär. Ikinji orunda 29% bilen Demirgazyk deňzinden (esasan hem Norwegiýadan), üçünji orunda 11% bilen Demirgazyk Afrikadan alynýan gaz durýar.**

**Gündogardan gaz üpjünçiliginiň paýy (Ýewropa kompaniýalary tarapyndan alynýan Russiýanyň gazy, Ukrainadan gaz üpjünçiligi, şeýle hem Ukrainanyň ýerasty gaz saklaýyş desgalaryndan alynýan) 9,7%-e çenli ýokarlandy. Beýik Britaniýadan ýangyç üpjünçiligi 5,8% boldy.**

# BRICS-iň jemi içerki önümi artar

1-nji ýanwardan başlap täze goşulýan bäş ýurduň hasabyna BRICS-iň giňemegi, olaryň satyn alyş kuwwatynyň deňligi boýunça jemi içerki önüminiň dünýäniň üçden bir içerki önüminden geçmegine we subut edilen nebit gorlarynyň birnäçe esse ýokarlanmagyna getirer.

Geçen ýylyň awgust aýynda Günorta Afrika Respublikasynda geçirilen BRICS-iň sammitinde Prezident Siril Ramafosa guramanyň Argentinany, Müsüri, Efiopiýany, Eýrany, Saud Arabystanyny we BAE-ni BRICS-iň doly agzasy bolmaga çagyrmak kararyna gelendigini aýdypdy. Soňra Argentina birleşmäge gatnaşmakdan ýüz öwürdi. Täze ýurtlaryň bu gurama doly gatnaşmagy 2024-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda başlady.

Maglumatlara görä, täze BRICS-iň satyn alyş kuwwatynyň deňligi boýunça global jemi içerki önümdäki



paýy artyp, 32%-den 36%-e çykar. Şeýle-de, satyn alyş kuwwatynyň pariteti boýunça jemi içerki önümiň umumy mukdary 52,318 trillion dollardan 58,919 trillion dollara çenli ýokarlanar. Şol bir wagtyň özünde, dünýäniň iň köp ilatly ýurtlarynyň, Hytaýyň we Hindistanyň eýýäm BRICS-iň bir bölegidigine garamazdan, täze agzalaryň kabul edilmegi bilen birleşýän ýurtlaryň umumy ilaty 10% artar. Gatnaşyjy täze bäş ýurtdan ikisiniň ilaty 100 milliondan geçýär (Müsür we Efiopiýa). Şeýlelikde, 10 ýurduň umumy ilatyny, takmynan, 3,6 milliard adama ýetirer, bu bolsa dünýä ilatynyň ýarysyna golaýdyr.

Guramanyň agza ýurtlarynyň ygtyýaryndaky nebit gorlary has-da artar. BRICS ýurtlarynyň başdaky düzüminiň nebit ätiýaçlyklary, takmynan, 150 milliard barrele deň bolan bolsa, dünýäde iň uly nebit gorlaryna eýe bolan Saud Arabystanynyň ätiýaçlyklary 298 milliard barrele, Birleşen Arap Emirlikleriniňki bolsa, 98 milliard barrele barabardyr.

# HALKARA GAZNASYNA BAŞLYKLYK EDER

**Gazagystan 2024-nji ýylyň ýanwaryndan başlap, Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň başlyklygyny öz üstüne aldy. Bu barada ýurduň Suw ätiýaçlyklary we suwaryş ministrliginiň metbugat gullugy habar berdi. Üç ýyl dowam etjek bu wezipäniň meýilnamalaryna Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew ýolbaşçylyk eder.**

**– Gazagystanyň Hökümeti Bütindünýä banky bilen bilelikde Aral deňzini gorap saklamak boýunça taslamanyň ikinji tapgyryna girişmegi meýilleşdirýär – diýip, Gazagystanyň suw serişdeleri we suwaryş ministri Nurjan Nurjigitow habar berdi. Onuň sözlerine görä, bu işi diňe gaznanyň ähli gatnaşyjy ýurtlarynyň tagallalaryny bir ýere jemlemek bilen amala aşyryp bolar.**

**Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň öňki başlygy 2020-2023-nji ýyllarda Täjigistan bolup, ondan öň 2017-2019-njy ýyllarda bu gazna Türkmenistan başlyklyk edipdi. Gaznada her üç ýyldan bir gezek rotasiýa esasynda başlyklyk edilýär. Türkmenistany, Täjigistany we Özbegistany hem öz içine alýan bu gazna Araly halas etmäge, şol sanda, sebitdäki daşky gurşawyň ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen maksatnamalary durmuşa geçirýär.**

# DUZ GÖRNÜŞLERI WE ULANMAGYŇ USULLARY

**Duz aşhananyň aýrylmaz bir bölegi bolup, nahara datly tagam berýär. Aşpezçilik sungatynda belli-belli duzuň ulanylýandygyna garamazdan, dünýäde şor iýmitiň birnäçe görnüşi bar. Muňa gazylyp alnan adaty duz, deňiz duzy, ýodlanan duz, gülgün duz, Gimalaý duzy we iri duz ýaly görnüşleri mysal getirmek bolar. Bu duzlar nä derejede biri-birine meňzeýär? Haýsyny ulanmak ýerlikli we möhüm? Geliň, duzuň görnüşleri we häsiýetli aýratynlygy bilen tanşalyň!**

**Ýodlanan duz.** Duzuň suwdan we gazylyp alnyňan bu görnüşi senagatda gaýtadan işlenip, ýod bilen baýlaşdyrylýar. «Stol duzy» hem diýilýän bu görnüş adam bedenindäki käbir ýetmezlikleriň öňüni almaga ýardam edýär. Ortaça ulanylanda peýdaly hasaplanýan ýodlanan duz ýürek saglygyny goraýar. Çalt ereýändigi sebäpli ýodlanan duzy çorba we işdäaçara goşmak maslahat berilýär. Şeýle hem kiçijik bölejiklerden ybarat bolan bu duz dürli reseptlerde ulanylyp bilner.

**Iri duz.** Duzuň bu görnüşi tebigy ýagdaýda ýüze çykýan mineral bolup, asyrlarboýy et tagtany arassalamakda ulanylyp gelnipdir. Iri duz ýoduň deregine natriý hloridini öz içine alýandygy sebäpli, ýodlanmadyk duzlar toparyna degişlidir. Iri duzuň ulanylyşy seýrek bolup, et çapylan tagtanyň üstüne sepilýär, täze soýlan malyň derisi duzlanýar. Şeýle hem uly bölek ete, balyga sepilip, Güne kakatmak üçin ulanylýar. Duzuň bu görnüşi nahar taýýarlamakda hem ulanylýar. Iri duzuň tagamynyň ýitiligi hem-de kän işlenmändigi sebäpli, ulanylanda ünsli bolmaly. Duzuň bu görnüşi yzygiderli ulanylanda saglyk üçin zyýanly bolup, bogunlarda, bedeniň içki agzalarynda duz ýygnanmagyna getirmegi mümkin. Şol sebäpli iri duzy yzygiderli peýdalanmakdan saklanmaly.

**Deňiz duzy.** Iri duz bilen deňiz duzunyň ikisiniň bir zatdygy barada aýdylýandygyna garamazdan, bu garaýyş dogry däl. Iki görnüş hem iri däneli bolansoň, olary tapawutlandyrmak biraz kynçylyk döredýär. Iri duzdan tapawutlylykda deňiz duzunda ýod saklanýar. Iň täsin aýratynlygy hem deňiz duzunyň reňki ak däl-de, gülgün bolýar. Nahar bişirilende hem duzuň bu görnüşini ulanyp bolar. Ýöne muňa garamazdan, ýakymly ysly deňiz duzuny işdäaçarlara, içimliklere goşmak maslahat berilýär. Deňiz duzy gök önümlerden taýýarlanýan tagamlara goşulanda has-da lezzetli bolýar.

**Gimalaý duzy.** Iýmiti uzak wagtlap zaýalaman saklamak üçin asyrlarboýy duz ulanylyp gelnipdir. Ýodlanan duza meňzeş Gimalaý duzy kristal bölejiklerden we minerallardan düzülýändigi sebäpli munuň üçin iň gowusy hasaplanýar. Garyň we ýagşyň uzak wagtlap saklanmagy bilen gaýalaryň ýüzünde emele gelýän mineral çökündini naharlarda ulanmak hem maslahat berilýär.











### BIRI-BIRINIŇ ÝERINE ULANYP BOLÝARMY?

Iri duz we ýodlanan duz, adatça çalşyrylyp ulanylýar. Iri duz ýodlanan duza görä kyn ereýändigi sebäpli, uzak wagtlap gaýnadylýan suwuk naharlara goşmak ýerlikli hasaplanýar. Ýodlanan duzy çörek önümlerine, gurak naharlara goşup bilersiňiz. Etdir balyk iri duz bilen duzlananda turşulygy ýuwaş-ýuwaşdan özüne çekip, has tagamly bolýar. Duzuň islendik görnüşi öz ýerinde kadaly ulanylanda adama zyýansyz bolýar.

Lukmanlar senagat taýdan işlenmedik duzy ulanmagyň saglyk üçin zyýanlydygyny aýdýarlar. Şeýle hem nahardyr işdäaçara duzy ortaça atmagyň bedende artykmaç duz ýygnanmagynyň öňüni almaga ýardam edýändigini belleýärler. Aşhanada ulanylýan nahar duzuny agzy gapakly aýna gapda saklamagyň möhümdigini unutmaň!



# ÇAÝ ÇÄÝNEGINI
## nähili arassalamaly?

**Aşhanada iň köp ulanylýan gurallaryň biri hem çaý gaýnadylýan çäýnek bolsa gerek. Suwuň yzygiderli gaýnadylmagy bilen çäýnekde ak gatlakly kesmekler emele gelýär. Bu ýagdaý demlenýän çaýyň reňkine we tagamyna täsirini ýetirýär. Eýsem, çaý çäýnegini nähili arassalamaly?**

Çäýnegi çökündilerden arassalamagyň iň amatly we ýönekeý usuly limon ýa-da limon kislotasyny ulanmakdyr. Çäýnegi ýarymyna çenli suw guýup, oduň üstüne goýmaly. 2-3 çemçe limon kislotasyny goşup, gaýnaýança garaşmaly. Çäýnegi 15-20 minut gaýnatmak ýeterlik. Hek gatlaklary eräp başlandan soň, çäýnegiň aşagyny öçürip, biraz sowaýança garaşmaly. Soňra eliňe ellik geýip, kiçiräk agaç susak bilen hapany aýyrmaly we çäýnegi mazaly çaýkamaly. Çäýnegi guraýança düňderip goýmaly.

Şeýle-de çaý çäýnekde toplanan çökündini miwe sirkesi, duz hem-de nahar sodasy bilen hem arassalap bolýar. Çäýnege çökündi bilen deň suw guýup, üstüne 2 nahar çemçesi miwe sirkesini goşmaly. Soňra 1 nahar çemçesi duz goşup, mazaly bulamaly. 10 minut geçenden soň, çäýnekdäki ak gatlaklar aýrylyp ugraýar. Çäýnegi ýuwup, guradandan soň, täze çaý demläp bilersiňiz.

Beýleki bir usulda çäýnege ýarym bolýança suw guýup, 3 nahar çemçesi nahar sodasyny goşmaly. 10-15 minut gaýnadylandan soň, sowaýança garaşmaly we sürteç bilen arassalamaly.

Akar suwuň düzümindäki kalsiý we magniý ýaly minerallar gaýnandan soň gurap, ak gatlagy emele getirýär. Düýbünde çökündi gatlaklary bolan çäýnekde uzak wagtlap çaý içmek saglyk üçin zyýanly bolup, wagtlywagtynda arassalamagy endik etmeli.

# GASTRONOMIÝA WE SYÝAHATÇYLYK

**Gezelenç etmek isleýän şäherimiz ýa-da ýurdumyz barada pikir edenimizde, şol ýerde ýaşaýan halkyň medeniýeti, däp-dessurlary, taryhy ýadygärlikleri bilen bir hatarda aşpezçilik sungaty hem ünsüňi özüne çekýär. Her bir halka mahsus aşpezçilik sungaty milli ýörelgelerdir usullar bilen baýlaşdyrylyp, şol sebitiň gastronomiýasyny emele getirýär. Gastronomiýa syýahatçylyk pudagynyň bir bölegi bolup, syýahatçylar gezelenç edýän ýerlerinde şol ýere mahsus tagamlary dadyp görýärler. Käbir tagamlary oýlanyp tapylan we nusgasy üýtgedilmedik ýerinde dadyp görmek jahankeşdelerde ýakymly ýatlamalary galdyrýar.**



**Syýahatyň dowamynda taryhy binalar, däp-dessurlar, umuman şäher bilen tanyşlykdan soň, belli restoranlarda ýa-da gymmat garbanyşhanalarda wagt geçirmek ýalňyş hasaplanýar. Şäher gastronomiýasy bilen tanyşlygy köçe tagamlaryndan başlamaly. Ýagny gezelenjiň dowamynda ýolugra satylýan tagamlary dadyp görmeli. Onuň taýýarlanyşyna üns bermeli. Syýahatçylyk pudagynda döwrebap iýmitleri dälde, asyl nusgada taýýarlanýan ýerli tagamlary dadyp görmek göz öňünde tutulýar. Dynç alan şäherleriňizde dadyp gören tagamlaryňyzy öýüňizde maşgala agzalaryňyz ýa-da dostlaryňyz bilen bilelikde hem taýýarlap bilersiňiz.**

**Syýahatçylykda tagamlar bilen bagly şular göz öňünde tutulsa syýahatyňyz has gyzykly geçer:**

- ✓ **Köçe tagamlary bilen naharlanmak.**
- ✓ **Diňe şol sebite mahsus azyk önümleri we tagamlar bilen tanyşmak hem-de dadyp görmek. Mysal üçin, Braziliýa baryp kofe ekilen meýdanlarda gezelenç etmek, kofe önümçiligini synlamak we hakyky arabika kofesini dadyp görmek.**
- ✓ **Ýerli ýaşaýjylar bilen azyk önümleri, tagamlaryň taýýarlanyşy barada pikir alyşmak.**
- ✓ **Gastronomik şüweleňlere we festiwallara gatnaşmak. Mysal üçin, ajy burç iýmek, pizza iýmek ýaryşy.**
- ✓ **Ýerli bazarlara aýlanmak.**
- ✓ **Nahar bişirmek bilen bagly sapaklara gatnaşmak. Mysal üçin, Singapur, Tailand, Gonkong ýaly Aziýa ýurtlarynda «Michelin» ýyldyzyň eýeleri bolan köçe tagamlaryny taýýarlaýan ökde aşpezler bar.**
- ✓ **Ýerli aşhanalaryň taryhy bilen tanyşdyrýan sergilere gatnaşmak.**

## ÇAGALAR

**Ilkinji batbörekleri ýasamak üçin bambuk çybyklary we palma ýapraklary ulanylypdyr.**





**14-nji ýanwar –**

# HALKARA BATBÖREK GÜNI

**Açyk meýdanda Asmana galyp, şemala «tans edýän» owadan matalar çagalar üçin iň gyzykly güýmenjeleriň biri bolsa gerek. Irki döwürlerde oýlanyp tapylan batbörek dünýäniň ähli künjegine ýaýrap, köpçülikleýin ýerine ýetirilýän güýmenjeleriň birine öwrülýär. Her ýylyň 14-nji ýanwarynda dünýäde Halkara batbörek gününiň bellenilip geçilmegi hem howada galgaýan pişme şekilli «uçara» bolan gyzyklanmanyň uludygyndan habar berýär.**

### BATBÖREK UÇURMAGYŇ TARYHY

Ilkinji gezek batböregiň haçan, kim tarapyndan uçurylyp başlanandygy belli bolmasa-da, uçýan matalaryň Hytaýda oýlanyp tapylandygy çaklanylýar. Maglumatlara görä, hytaýly daýhanlar şlýapasyny şemalda saklamak üçin ony inçejik sim ýa-da ýüp bilen daňyp, biline berkidipdirler. Güýçli şemal öwsende şlýapalar 2-3 metr beýige galyp, howada uçupdyr. Bu ilkinji batbörek hasaplanýar. Beýleki maglumatlarda miladydan öňki 200-nji ýyllarda hytaýly esgerleriň galalaryň diwarlarynyň beýikligini batbörek arkaly ölçändikleri aýdylýar. Hindistanda mogollar döwründe bir aşyk ýigidiň söwer ýaryna habar ibermek üçin batbörek uçurandygy barada rowaýatlar hem bar. Halkara batbörek güni, esasan hem, Hindistanyň Gujarat ştatynda her ýyl uly dabara bilen bellenilýär. Millionlarça ýaşaýjy we müňlerçe syýahatçy batbörek şüweleňine gatnaşmak üçin Gujarat şäherine barýar. Hindi dilinde «uttaraýan» diýip atlandyrylýan batbörek festiwaly gyşyň gutaryp, ýazyň başlanan gününi aňladýar. Ýerli ynanja görä, hindiler şol gün ähli zat gyş ukusyndan oýanyp, hasyl möwsümi başlanýar diýip düşünýärler.

Ilkibaşda batbörek uçurmak köşkde ýa-da baý emeldarlar tarapyndan ýerine ýetirilýän sportuň bir görnüşi hasaplanypdyr. Soňra köpçülikleýin ýerine ýetirilip başlanan batbörek uçurmak pişesi baýramçylyk şüweleňine öwrülýär. Häzirki wagtda batbörek uçurmakda Ýaponiýa, Italiýa, Angliýa, Kanada, Braziliýa, Indoneziýa, Awstraliýa, ABŞ, Malaýziýa, Singapur, Fransiýa we Hytaý ýaly ýurtlar öňdäki orunlary eýeleýär.

### BATBÖREK NÄDIP ÝASALÝAR?

Iki sany taýajygy atanaklaýyn, ýa goşmak (+) şekilde daňmaly, ýa-da çüýlemeli. Kagyzy ýa sintetik matany agaç çarçuwanyň üstünde ýerleşdirmeli. Ulanylan kagyzyň ýa-da matanyň ähli tarapyndan 2-3 santimetr goýup, daşyny tekizläp gyrkmaly. Kagyz bolsa ýelmäp, soňra skoçlamaly. Eger mata bolsa sapak bilen tikmeli. Soňra atanak agaçlaryň birleşýän ýerinden ýa-da iki gapdalyndan ýüp daňmaly. Owadan görünmegi hem-de bat almagy üçin oňa «guýruk» hökmünde lenta ýa-da ýüpjagaz hem dakyp bilersiňiz. Batböregiň ulylygyny we eliňizde saklamak üçin ýüpüniň uzynlygyny uçurjak ýeriňize hem-de howa şertine görä özüňiz saýlamaly. Batböregi islege görä dürli şekilde – dörtburç, gönüburç, romb, tegelek, haýwanlaryň şekilinde ýasap bolýar. Batbörek taýýar bolandan soň ýüpüň ujundan tutup şemala tarap ylgamaly. Dostlaryňyzyň biri bolsa, batböregi ýokary galdyryp, bat alandan soň, asmana goýbermeli. Batbörek iki, üç adam bolup uçurylanda şowly bolýar. Batbörek ýeňil materiallardan ýasalanda ony uçurmak hem aňsat bolýar. Batbörek uçurylanda ýüp eliňizi gyrmaz ýaly ellik geýilse gowy bolar. Şeýle hem agaçly meýdanda, güýçli tupanda, ýyldyrym çakanda ýa-da tok simleri geçýän zolakda bu oýna güýmenmekden saklanmaly. Batböregi mümkin boldugyça tok geçirmeýän materillardan (plastmas, agaç, kagyz, ýüpek) ýasamaly. Isleseňiz bu oýnawajy satyn alyp hem bilersiňiz. Häzirki wagtda batbörekleriň köpüsi ýüpekden we kesilen inçejik bambukdan ýasalýar. Batbörek önümçiliginde Hytaý öňdäki orny eýeleýär.

### GYZYKLY MAGLUMATLAR

- ☑ 1989-njy ýylda ilkinji gezek Halkara batbörek festiwaly geçirilip, oňa dünýäniň dürli ýurdundan gelen meýletinçiler öz ýasan batbörekleri bilen gatnaşýarlar.
- ☑ 180 sagat howada galgan batbörek iň uzyn uçuş hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilýär. Iň ýokary uçurylan batbörek 3801 metr bilen hasaba alynýar. Iň agyr batbörekler Ýaponiýada ýasalyp, agramy 2 tonnadan geçýär.
- ☑ Ilkinji batbörekleri ýasamak üçin bambuk çybyklary we palma ýapraklary ulanylypdyr.

# MIKADO – USSATLARYŇ OÝNY

Mikado fiziki ussatlygy talap edýän nusgawy oýunlaryň biridir. Reňkli uzyn çöpler bilen oýnalýan bu oýun asyrlarboýy dünýäniň dürli künjeginde ýaşaýan adamlaryň ünsüni özüne çekipdir. Esasan hem, çagalar üçin gyzykly bolan mikado el hereketlerini kämilleşdirmekde, ünslüligi güýçlendirmekde we pikirlenişi ösdürmekde ähmiýetlidir. Mikado meňzeş oýunlar Orta asyrlarda Müsürde, Gresiýada we Rimde hem oýnalypdyr. Emma oýnuň häzirki zaman görnüşi Ýewropada XVIII asyrda ýüze çykýar. Ilkibaşda oýnuň ady «spillikins» diýip atlandyrylyp, samanyň gaty baldagyndan (sypal) taýýarlanan çöpjagazlar bilen oýnalypdyr. Soňlugy bilen reňkli çybyklar bilen oýnalan bu oýun «mikado» ady bilen meşhur bolup başlaýar. Akyllylygy we usullylygy talap edýän çybyk oýny ýapon hökümdary Mikadonyň adyndan gelip çykýar. Bu oýnuň köp ýurtda oýnalýandygy sebäpli, düzgünler hem dürli-dürlüdir.



### MIKADO NÄDIP OÝNALÝAR?

Nusgawy mikado oýnunda uzynlygy 15 santimetre barabar 41 taýajyk bolýar. Oýunçylaryň sany çäklendirilmeýär. Taýajyklar dik saklanýar we stoluň üstüne ýaýradylýar. Soňra sagadyň diliniň ugry boýunça her oýunçy saýlan çöpjagazyny almaga synanyşýar. Her kim öz gezeginde beýleki taýajyklara degmezden ýa-da gymyldatmazdan bir çöpjagazy almaly. Eger muny haýsy oýunçy başarsa, beýleki çöpjagazlary almagy dowam etdirýär. Eger başarmasa, gezegini ýitirýär. Oýnuň soňunda çöpjagazlar sanalýar. Käte bu oýunda köp taýajyk ýygnan oýunçy däl-de, ondan az ýygnan oýunçy ýeňiji bolýar. Sebäbi mikado oýnunda ýeňijini taýajyklaryň sany däl-de, taýajyklardaky reňkleriň sany kesgitleýär. Çöpjagazlarda 1-den 7-ä çenli üç reňkde – gyzyl, ýaşyl we gök çyzyklar bolýar. Mikado oýnunda «kömekçi taýajyklar» diýlip atlandyrylýan goşmaça çöpler hem ulanylýar.

Labirint



Şekili reňkläň!



Sanlary birleşdiriň!



10 tapawudy tapyň!



Gyzykly pursat



# «OPPENHAÝMER» FILMI «ALTYN GLOBUSYŇ» ÝEŇIJISI

Kino sungatynyň esasy baýraklarynyň hatarynda görkezilýän «Altyn globus» baýraklarynyň ýeňijileri mälim edildi. Kaliforniýadaky «The Beverly Hills» myhmanhanasynda geçirilen «Altyn globus» baýraklarynyň 81-nji gowşurylyş dabarasyny Jo Koý alyp bardy. Baýrak «Hollywood»-daky daşary ýurtly žurnalistleriň guramasy (HFPA) tarapyndan berilýär. Dabarada «Oppenhaýmer» filmi 5 baýrak gazandy.

Iň gowy drama filmi diýlip, «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) kinosy saýlandy. Iň gowy mýuzikal ýa-da komediýa filmi baýragyna hem «Görgüli betbagtlar» (Poor Things) ekran eseri mynasyp boldy. 80-nji Wenesiýa film festiwalynda-da baş baýragy alan kinonyň Oskaryň hem esasy dalaşgärleriniň biri bolmagyna garaşylýar.

Drama ugry boýunça «Oppenhaýmer» filminde baş keşbi janlandyran Killian Mörfi iň gowy aktýor, «Dolan Aý ganhorlary» filminiň ýyldyzy Lili Gladstoun iň gowy aktrisa diýlip saýlandy. Mýuzikal ýa-da komediýa ugry boýunça-da Pol Jiamatti («Galdyrylanlar», The Holdovers) bilen Emma Stoun («Görgüli betbagtlar», Poor Things) degişlilikde, iň gowy aktýor we aktrisa baýraklaryna laýyk görüldi.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor we aktrisa baýraklary-da «Oppenhaýmer» filmindäki keşbi üçin Roberto Dawni Junior bilen «Galdyrylanlar» kinosyndaky keşbi üçin Da'Win Joý Rendolfa berildi.

Iň gowy režissýor baýragyna «Oppenhaýmer» filmini surata düşüren Kristofer Nolan mynasyp boldy. Iň gowy ssenariý baýragyny-da «Ýykylmagyň anatomiýasy» filminiň edebi esasyny ýazanlar Žýustin Trie (şol bir wagtyň özünde kinonyň režissýory) bilen Artur Harari eýeledi. «Oppenhaýmer» filminde ýaňlanýan sazlary düzen Ludwig Goransson iň gowy kompozitor baýragy bilen sylaglandy.

«Barbi» (Barbie) filminde Billi Aýliş bilen Finnis O'Konnelliň bilelikde ýerine ýetiren «What Was I Made For?» atly aýdymy iň gowy aýdym diýlip saýlandy. Filmiň özi bolsa «Kinoteatr we prokat başarnygy» (Cinematic and Box Office Achievement) baýragyna mynasyp boldy.



Ýaponiýaly ussat animeçi Haýao Miýazakiniň režissýorlygyndaky «Oglanjyk we guş» (Kimitachi wa Dō Ikiru ka) iň gowy animasiýa diýlen ugurda «Altyn globusyň» ýeňijisi diýlip yglan edildi.

Fransiýaly zenan režissýor Žýustin Trieniň surata düşüren «Ýykylmagyň anatomiýasy» kinosy iňlis dilinde bolmadyk iň gowy film diýlip saýlandy.

Şeýle-de, seriallaryň arasynda-da 3 ekran eseri bar baýragy diýen ýaly özara paýlaşdy.

Iň gowy drama serialy diýlip «Mirasdüşerler» (Succession) serialy saýlandy. HBO-nyň önümi bolan 3 möwsümlik ekran eseri 3-nji gezek bu hormata laýyk görlüp, bu ugurda rekordy gaýtalady.

Mýuzikal ýa-da komediýa ugry boýunça iň gowy serial baýragyna «Aýy» (The Bear) komediýa serialy mynasyp boldy.

«Beef» serialy-da gysga göwrümli ýa-da telefilm ugry boýunça iň gowusy diýlip saýlandy.

Ady agzalan 3 serialyň artistleri iň gowy aktýor hem-de aktrisa baýraklaryny-da gazanmagy başardylar. «Mirasdüşerler» serialynyň artistleri Kiran Kalkin iň gowy aktýor, Sara Snuk iň gowy aktrisa diýlen ugurlarda ýeňiji boldy. «Aýy» teleserialynyň baş gahrymanlary – Jeremi Allen Waýt bilen Aýo Edebiri mýuzikal ýa-da komediýa ugry boýunça iň gowy aktýor hem-de aktrisa baýraklary bilen sylaglandy.

«Beef» serialynda surata düşen Stiwen Ýeun bilen Ali Wong hem degişlilikde, iň gowy aktýor we aktrisa diýlen ugurlarda «Altyn globusyň» heýkeljiklerini gazandylar.

Ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragy bilen «Mirasdüşerler» serialynyň başga bir ýyldyzy Mattýuw Makfadýen, ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragy bilenem meşhur «Täç» (The Crown) serialynyň ýyldyzy Elizabet Debiki sylaglandy.

Tanymal komediýaçy Riki Jerwaisiň «Netflix»-däki «Ricky Gervais: Armageddon» gepleşigi hem iň gowy stend-ap komediýa programmasy diýlip saýlandy.

# ÝYLYŇ GARAŞYLÝAN FILMLERI - 1

**Her ýyl bolşy ýaly, 2024-nji ýylda-da kino muşdaklaryna biri-birinden gyzykly, özüne çekiji täsin wakalara baý ekran eserleri garaşýar. Şolaryň käbirlerini siziň dykgatyňyza ýetirýäris.**



● **«MILLER'S GIRL»** — Jeýd Halli Bartletiň ssenarisini ýazyp, režissýorlyk eden kinosynda Martin Friman bilen Jenna Ortega baş keşpleri ýerine ýetirýär.

● **«ARGYLLE»** — meşhur režissýor Mattýuw Wonuň täze uruşly komediýasynda Henri Kawill, Bris Dallas Howard, Säm Rokwell, Braýan Kranston, Dua Lipa, Samuel L. Jekson ýaly meşhur artistler çykyş edýär.



● **«MADAME WEB»** — «Marvel Studios»-yň «Columbia Pictures» bilen bilelikdäki önümi bolan film ýylyň garaşylýan iň esasy superhero kinolarynyň biridir. S.J. Klarksonyň režissýorlygyndaky filmde Dakota Jonson, Sidni Swini, Tahar Rahim, Izabela Mersed dagy dürli keşpleri janlandyrýar.

● **«CHALLENGERS»**— italiýaly režissýor Luka Guadaninonyň özboluşly filminde Zendaýa, Joş O'Konnor, Maýk Faist baş keşpleri janlandyrýar.

● **«DUNE: PART TWO»** — ilkinjisi 2021-nji ýylda ekranlara çykan «Dýun» filminiň 2-njisine hem Deni Willnýow režissýorlyk edip, kinoda Timoti Şalame, Zendaýa, Rebekka Ferguson, Joş Brolin, Ostin Batler, Florens Pýu ýaly artistler surata düşýärler.

● **«GHOSTBUSTERS: FROZEN EMPIRE»** — meşhur filmiň dowamy bolan uruşly komediýa kinosynda Pol Rudd, Bill Mýurreý, Makkenna Greýsi dagy dürli keşpleri ýerine ýetirýärler. Filme Gil Kenan režissýorlyk edýär.

● **«GODZILLA X KONG: THE NEW EMPIRE»** — mundan 3 ýyl ozal ekranlara çykan «Godzilla vs. Kong» filminiň dowamy «Godzilla x Kong: The New Empire» diýlip atlandyrylýar. Adam Wingardyň surata düşüren filminiň kastinginde Rebekka Holl, Braýan Taýri Henri, Dan Stiwens dagy bar. Film mart aýynyň ahyrynda ekranlara çykar.

● **«CIVIL WAR»** — soňky ýyllaryň şowly studiýalaryndan «A24»-iň täze filminde Körsten Danst, Wagner Moura, Kaili Spaeni, Jesse Plemons dagy surata düşüp, oňa Aleks Garland režissýorlyk edýär. Apreliň soňky günlerinde görkeziljek film ýylyň garaşylýan filmleriniň biridir.

● **«THE FALL GUY»** — uruşly komediýanyň başga bir nusgasynda-da Raýan Gosling, Emili Blant, Winston Dýuk, Aaron Teýlor-Jonson ýaly artistler surata düşüp, oňa Dewid Leitç režissýorlyk edýär.

● **«FURIOSA: A MAD MAX SAGA»** — ussat režissýor Jorj Milleriň surata düşüren täze filminde Furiosanyň ýaşlyk ýyllary barada söhbet açylýar. Filmde Anýa Teýlor-Joý, Kris Hemswort, Tom Burke dagy esasy keşpleri ýerine ýetirýär.

● **«THE GARFIELD MOVIE»** —meşhur ýalta pişik Garfild barada bu gezek animasiýa ekranlara çykar. Mark Dindalyň surata düşüren multfilminde Kris Pratt, Samuel L. Jekson, Nikolas Holt dagy gahrymanlara ses berýär.

● **«KINGDOM OF THE PLANET OF THE APES»** — öňki bölümleri bilen köpleriň söýgüsini gazanan «Maýmynlar planetasynyň» täze filmine Wes Boll režissýorlyk edýär. Maý aýynda görkeziljek filmde Owen Teagi, Freýa Allan, Kewin Durand dagy gahrymanlara ses berip, ekran eserinde Sezardan 300 ýyl soň dünýä inen Noa maýmyny barada gürrüň berilýär.

● **«BALLERINA»** — «Jon Wik» filmleriniň spin-off kinosy bolan «Ballerina» atly ekran eserinde baş keşbi Ana de Armas, şol sanda beýleki keşpleri Anjelika Hýuston, Keanu Riwes, Gabriel Birn dagy ýerine ýetirýär. Filme Len Waýzman režissýorlyk edýär.

● **«INSIDE OUT 2»** — animasiýa önümçiliginiň öňbaşçysy hasaplanýan «Pixar» ilkinji «Inside Out» multfilminden 9 ýyl soň onuň ikinjisini köpçülige hödürleýär. Kelsi Mannyň režissýorlyk eden animasiýasy iýun aýynda ekranlarda peýda bolar. Animasiýanyň gahrymanlaryna Emi Pouler, Filis Smit, Toni Heýl, Maýa Hawke dagy ses berýär.

● **«BAD BOYS 4»** — oskarly aktýor Will Smit bilen Martin Lawrensiň uruşly komediýasynyň 4-nji bölüminiň ady resmi ýagdaýda belli däl. Adil El Arbi bilen Bilall Fallahyň bilelikde režissýorlyk edýän kinosynda Smit bilen Lawrensden başga-da, Wanessa Hadjens, Aleksander Ludwig beýleki keşpleri ýerine ýetirýär.

● **«A QUIET PLACE: DAY ONE»** — ilkinji 2 filmi bilen gorkuly kinolara özboluşly aýratynlyk gazandyran «Sessiz ýer» filminiň 3-nji bölüminde režissýor hem, artistler hem başga. Oskarly Lupita Nýong'o, Ýosef Kuinn, Aleks Wolff, Jimon Hunsu dagy filmde dürli keşpleri janlandyrýar.

● **«HORIZON: AN AMERICAN SAGA»** — Kewin Kostneriň öz režissýorlygynda baş keşpde surata düşen bu filminde Sienna Miller, Säm Worthington, Jena Maloun, Abbi Li, Luk Wilson ýaly artistler dürli keşplerde çykyş edýärler. Western görnüşli film iýun aýynyň ahyrynda ekranlara çykar.

## 3-nji SKANWORD




## 2-nji KROSSWORD



● **DIKLIGINE:** **1.** Boýag reňk albomy. **2.** Çäksiz köpeltmeleriň jemi. **3.** «... aldap biýr sen baly, dünýä heý!» (Magtymguly Pyragy). **4.** Multfilm gahrymany. **5.** Afrikanyň uly tropik agajy. **6.** Gyz ady. **7.** Awstraliýanyň paýtagty. **8.** Oglan ady. **13.** «Meýdan ... jeňi-maglup gaýrylsa» (Mätäji). **14.** Aýakgabyň bir görnüşi. **15.** Deňiz aşpezçisi. **17.** «... degen uwlar, kiçä degen uýalar» (nakyl). **18.** Ümlük. **20.** Sypat ýasaýjy goşulma. **21.** Mähriban ynsan. **22.** Aýakgabyň içine düşemek üçin ýörite kesilen keçe bölegi. **23.** Demirgazyk Afrikada bir döwlet. **25.** Ýyrtyjy jandar. **26.** Almatyda uly köl. **29.** Rumyniýada awtoulag öndürýän zawod. **30.** Aýazbabanyň agtygy. **32.** Günorta Amerikada bir döwlet. **33.** Ys-.... **34.** Ýöňkeme. **36.** Zaýa, isrip. **37.** Elektrik garşylygynyň ölçeg birligi. **38.** Irlandiýanyň paýtagty. **39.** Gyzyl ördek. **40.** Oglan ady. **41.** Atlaryň saklanýan jaýy. **42.** Adam ady. **43.** Tok köpeldiji. **44.** Pygamberleriň biri. **45.** Uly we güýçli italýan it tohumy ...-Korso.

● **KESELIGINE:** **1.** Limonly içgi. **6.** Rus ýazyjysy ... Gorkiý. **9.** Polşanyň paýtagty. **10.** Dünýäniň iň haýal jandarynyň biri. **11.** Dermanlyk ösümlik. **12.** Durmuşyň belli bir ugrunda ulanylýan sözleriň jemi. **16.** Tapawutlandyrylan sözbaşy. **19.** Saz guraly. **22.** Demre kislorodyň täsir etmegi netijesinde onuň ýüzünde emele gelýän we iýlip gitmegine sebäp bolýan gyzylymtyl-goňur gatlak. **24.** Öri meýdan, ýaýlag. **26.** Uzyn fransuz çöregi. **27.** Ýaz paslynda ilkinji ýetişýän miweleriň biri. **28.** Eplenip ýapylýan we açylýan kiçijik pyçak. **31.** Ganaly meşhur futbolçy Nikolas ... **35.** Aňsat däl. **38.** Türkmen milli tagamy. **40.** Materik. **42.** Türkmen halk ertekisi. **46.** Halkara bölümler ulgamynda ýagty akymy ölçemegiň birligi. **47.** Bir örküçli düýe. **48.** Paragwaýyň paýtagty. **49.** Ak ýa-da sary gülli ösümlik, gül. **50.** Türkmen milli lybaslarynyň biri.

1-nji skanwordyň jogaby:



2-nji skanwordyň jogaby:



1-nji krosswordyň jogaby:



## Bir sözlemde...

- 2-nji gezek geçirilen «United Cup» milli ýygyndylaryň arasyndaky tennis ýaryşyň finalynda Germaniýa Polşany 2:1 hasabynda utup, ilkinji çempionlygyny baýram etdi (Şwentek — Kerber — 6:3, 6:0; Zwerew — Hurkaç — 6:7, 7:6, 6:4; Şwentek/Hurkaç — Siegemund/Zwerew — 4:6, 7:5, 4:10).
- «Brisbane International» (Awstraliýa) tennis ýaryşynda zenanlaryň arasynda gazagystanly Elena Rybakina çempionlyk gazanyp, ol finalda belarusly Aryna Sabalenkany 6:0 we 6:3 hasaplar bilen ýeňdi (6-njy çempionlygy).
- «Brisbane International» (Awstraliýa) tennis ýaryşynda erkekleriň arasynda bolgariýaly Grigor Dimitrow finalda norwegiýaly Holger Runeni 7:6, 6:4 hasaplar bilen ýeňip, 7 ýyldan soň karýerasyndaky 9-njy ATP Kubogyny ýokary galdyrdy.
- Täze Zelandiýada geçirilen «Auckland Classic» tennis ýaryşynda zenanlaryň arasyndaky finalda amerikaly Koko Gauff bilen ukrainaly Elina Switolina duşuşyp, olaryň birinjisi 6:7, 6:3, 6:3 hasaplar esasynda ýeňiş gazanyp, karýerasyndaky 7-nji kubogyny asmana göterdi.
- Gonkongda geçirilen «Açyk» tennis ýaryşynda russiýaly Andreý Rublew çempionlyk gazanyp, ol finalda finlýandiýaly Emil Ruusuwurini 6:4, 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi we 15-nji ATP Kubogyny gazandy.
- Dag lyžasy boýunça Italiýadyr Şweýsariýada geçirilýän 18-nji «Tur de Ski» ýaryşynda erkekleriň arasynda norwegiýaly Harald Ostberg Amundsen 3 sagat 41 minut 21,9 sekuntda ýaryşy tamamlap, ol germaniýaly Fredrih Mok hem-de fransiýaly Hugo Lapalusdan öňe saýlandy.
- Dag lyžasy boýunça «Tur de Ski» ýaryşynda zenanlaryň arasynda ýaryşy 4 sagat 13 minut 19 sekuntda tamamlan amerikaly Jessi Diggins ýeňiş gazanyp, ol norwegiýaly Heidi Wengi, finlýandiýaly Kerttu Niskaneni yzda galdyrdy.




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*12-nji ýanwar (anna)*

**Bawariýa – Hoffenhaým (00:30)**
**Marsel – Strasbur (01:00)**

*13-nji ýanwar (şenbe)*

**Çelsi – Fulham (17:30)**
**Napoli – Salernitana (19:00)**
**Augsburg – Baýer (19:30)**
**Leipsig – Aýntraht (19:30)**
**Monako – Reýms (21:00)**
**Nýukasl – Man. Siti (22:30)**
**Darmştadt – Borussiýa D (22:30)**
**Atletik B – Real Sosiedad (22:30)**
**Monza – Inter (00:45)**

*14-nji ýanwar (ýekşenbe)*

**Almeriýa – Žirona (18:00)**
**Ewerton – Aston Willa (19:00)**
**M. Ýunaýted – Tottenham (21:30)**
**Real Madrid – Barselona/Osasuna (00:00)**
**Milan – Roma (00:45)**
**Lans – PSŽ (00:45)**
**Braga – Porto (01:30)**

*15-nji ýanwar (duşenbe)*

**Galatasaraý – Kaýserispor (22:00)**

*16-njy ýanwar (sişenbe)*

**Ýuwentus – Sassuolo (00:45)**

# Şu gün Aziýa Kubogyna, ertir Afrika Milletler Kubogyna badalga berler

**Şu gün Katarda futbol boýunça 18-nji Aziýa Kubogy, ertir Kot-d'Iwuarda 34-nji Afrika Milletler Kubogy ýaryşlary başlaýar. Her ýaryşa-da 24 ýygyndy gatnaşýar. Her ýaryşda-da 6 toparça bolup, 4 toparly her toparçada 1–2-nji ýeri eýelänler hem-de 3-nji orny alanlaryň iň gowy netije görkezen 4-si 1/8 finala çykar. Aziýa Kubogy Kataryň 5 şäherindäki 9, Afrika Milletler Kubogy bolsa Kot-d'Iwuaryň 5 şäherindäki 6 stadionda geçiriler.**







Aslynda Hytaýda geçirilmeli 18-nji Aziýa Kubogy pandemiýa sebäpli Katara berildi. Geçen ýyl guralmaly çempionat dürli sebäplere görä şu ýylyň ilkinji günlerine galypdy. Duşuşyklar Al Raýýan («Ahmad bin Ali» – 45 032, «Education City» – 44 667, «Jassim bin Hamad» – 15 000, «Khalifa International» – 45 857), paýtagt Doha («Abdullah bin Khalifa» – 10 000, «Al Thumama» – 44 400), Al Kor («Al Bayt» – 68 895), Al Wakrah («Al Janoub» – 44 325) hem-de Lusail («Lusail» – 88 966) şäherlerindäki stadionlarda geçiriler.

Gatnaşýan 24 ýygyndy – Günorta Koreýa, Eýran 15-nji, Hytaý 13-nji, Katar, S. Arabystany, BAE 11-nji, Ýaponiýa, Yrak 10-njy, Özbegistan, Tailand 8-nji, Siriýa, Bahreýn 7-nji, Oman, Wýetnam, Hindistan, Iordaniýa, Indoneziýa, Awstraliýa 5-nji, Gonkong, Malaýziýa 4-nji, Liwan, Palestina 3-nji, Gyrgyzystan 2-nji hem-de Täjigistan 1-nji gezek wekilçilik edýär.

1/8 finalyň duşuşyklary 28-29-30-31-nji ýanwarda, çärýek final 2–3-nji fewralda, ýarym final 6-7-nji fewralda oýnalar. Çempiony kesgitleýän final duşuşygy 10-njy fewralda «Lusail» stadionynda geçiriler.

1956-njy ýylda ilkinjisi Gonkongda geçirilen ýaryş 1960-njy ýylda Günorta Koreýada, 1964-nji ýylda Ysraýylda, 1968-nji we 1976-njy ýyllarda Eýranda, 1972-nji ýylda Tailandda, 1980-nji ýylda Kuweýtde, 1984-nji ýylda Singapurda, 1988-nji we 2011-nji ýyllarda Katarda, 1992-nji ýylda Ýaponiýada, 1996-njy we 2019-njy ýyllarda BAE-de, 2000-nji ýylda Liwanda, 2004-nji ýylda Hytaýda, 2007-nji ýylda 4 ýurtda (Indoneziýa, Malaýziýa, Tailand, Wýetnam), 2015-nji ýylda-da Awstraliýada geçirildi.

Şu wagta çenli Ýaponiýa 4 (1992, 2000, 2004, 2011), Saud Arabystany 3 (1984, 1988, 1996), Eýran 3 (1968, 1972, 1976), Günorta Koreýa 2 (1956, 1960), Ysraýyl (1964), Kuweýt (1980), Yrak (2007), Awstraliýa (2015) hem-de Katar (2019) 1 gezek çempion boldy.

2 çempionlykdan soň 4 gezek finalda utulan Günorta Koreýanyň ýygyndysyna 64 ýyldan bäri çempion bolmak başardanok. Eýranyň ýygyndysyna 48, finalda 3 gezek asgyn gelen Saud Arabystanynyň ýygyndysyna-da 28 ýyldan bäri çempionlyk nesip edenok.

Afrika Milletler Kubogy Kot-d'Iwuarda 1984-nji ýyldan soň 2-nji gezek geçirilýär. Aslynda çempionat Kamerunda guralmalydy, ýöne dürli sebäplere görä Kot-d'Iwuara berildi. Kot-d'Iwuarda-da tomusda geçirilmeli edilse-de, howanyň gyzgyn bolmagy sebäpli çempionat ýene-de ozalky wagtyna geçirildi. Çempionatyň duşuşyklary ýurduň ykdysady paýtagty Abidjandaky («Alassane Ouattara» – 60 000, «Felix Houphouet Boigny» – 33 000), şeýle-de, Bwake («Stade de la Paix» – 40 000), Korhogo («Amadou Gon Coulibaly» – 20 000), San-Pedro («Laurent Pokou» – 20 000) hem-de ýurduň syýasy paýtagty Ýamusukro («Charles Konan Banny» – 20 000) şäherlerindäki jemi 6 stadionda geçiriler.

Müsür 26-njy, ýer eýeleri Kot-d'Iwuar 25-nji, Gana, Tunis 24-nji, Kamerun 21-nji, Alžir, Nigeriýa, Kongo DR 20-nji, Marokko 19-njy, Zambiýa 18-nji, soňky çempion Senegal 17-nji, Gwineýa 14-nji, Burkino Faso, Mali 13-nji, Günorta Afrika 11-nji, Angola 9-njy, Mozambik 5-nji, Gwineýa-Bissau, Kabo Werde, Ekwator Gwineýasy, Namibiýa 4-nji, Tanzaniýa, Mawritaniýa 3-nji hem-de Gambiýa 2-nji gezek gatnaşýar.

Toparçadaky duşuşyklar 13-24-nji ýanwar aralygynda, 1/8 finalyň duşuşyklary 27-28-29-30-njy ýanwarda, çärýek final 2-3-nji fewralda, ýarym final 7-nji fewralda geçiriler. Final oýny 11-nji fewralda Abidjandaky 60 müň orunlyk «Alassane Ouattara» stadionynda oýnalar.

Çempionat ilkinji gezek 1957-nji ýylda Sudanda geçirilip, irki ýyllarda periodik geçiriliş tertibi ýokdy. 2–3 ýyldan bir guralan ýaryşda Müsüriň 7 (1957, 1959, 1986, 1998, 2006, 2008, 2010), Kamerunyň 5 (1984, 1988, 2000, 2002, 2017), Gananyň 4 (1963, 1965, 1978, 1982), Nigeriýanyň 3 (1980, 1994, 2013), Kot-d'Iwuaryň 2 (1992, 2015), Alžiriň 2 (1990, 2019), Kongo DR-niň 2 (1968, 1974), şol sanda, Efiopiýanyň (1962), Sudanyň (1970), Kongonyň (1972), Marokkonyň (1976), Tunisiň (2004), Günorta Afrikanyň (1996), Zambiýanyň (2012) hem-de Senegalyň (2021) 1 çempionlygy bar.

Gana finalda 5, Nigeriýa 4, Müsür 3, Kamerun, Kot-d'Iwuar, Zambiýa, Tunis, Sudan, Senegal 2 gezek ýeňlişe sezewar boldy.

Çempionat Müsürde 5, Ganada 4, Efiopiýada 3, Tunisde 3, Sudanda 2, Kamerunda 2, GAR-da 2, Nigeriýada 2 gezek guraldy.

| «A» TOPARÇA |
|---|
| 12-nji ýanwar: Katar – Liwan (21:00), 13-nji ýanwar: Hytaý – Täjigistan (19:30) |
| 17-nji ýanwar: Liwan – Hytaý (16:30), Täjigistan – Katar (19:30) |
| 22-nji ýanwar: Katar – Hytaý (20:00), Täjigistan – Liwan (20:00) |

| «B» TOPARÇA |
|---|
| 13-nji ýanwar: Awstraliýa – Hindistan (16:30), Özbegistan – Siriýa (22:30) |
| 18-nji ýanwar: Siriýa – Awstraliýa (16:30), Hindistan – Özbegistan (19:30) |
| 23-nji ýanwar: Awstraliýa – Özbegistan (16:30), Siriýa – Hindistan (16:30) |

| «C» TOPARÇA |
|---|
| 14-nji ýanwar: BAE – Gonkong (19:30), Eýran – Palestina (22:30) |
| 18-nji ýanwar: Palestina – BAE (22:30), 19-njy ýanwar: Gonkong – Eýran (22:30) |
| 23-nji ýanwar: Eýran – BAE (20:00), Gonkong – Palestina (20:00) |

| «D» TOPARÇA |
|---|
| 14-nji ýanwar: Ýaponiýa – Wýetnam (16:30), 15-nji ýanwar: Indoneziýa – Yrak (19:30) |
| 19-njy ýanwar: Yrak – Ýaponiýa (16:30), Wýetnam – Indoneziýa (19:30) |
| 24-nji ýanwar: Ýaponiýa – Indoneziýa (16:30), Yrak – Wýetnam (16:30) |

| «E» TOPARÇA |
|---|
| 15-nji ýanwar: Günorta Koreýa – Bahreýn (16:30), Malaýziýa – Iordaniýa (22:30) |
| 20-nji ýanwar: Iordaniýa – Günorta Koreýa (16:30), Bahreýn – Malaýziýa (19:30) |
| 25-nji ýanwar: Günorta Koreýa – Malaýziýa (16:30), Iordaniýa – Bahreýn (16:30) |

| «F» TOPARÇA |
|---|
| 16-njy ýanwar: Tailand – Gyrgyzystan (19:30), Saud Arabystany – Oman (22:30) |
| 21-nji ýanwar: Oman – Tailand (19:30), Gyrgyzystan – Saud Arabystany (22:30) |
| 25-nji ýanwar: Saud Arabystany – Tailand (20:00), Gyrgyzystan – Oman (20:00) |



| «A» TOPARÇA |
|---|
| 13-nji ýanwar: Kot-d'Iwuar – Gwineýa-Bissau (01:00), 14-nji ýanwar: Nigeriýa – Ekw. Gwineýasy (19:00) |
| 18-nji ýanwar: Ekw. Gwineýasy – Gwineýa-Bissau (19:00), Kot-d'Iwuar – Nigeriýa (22:00) |
| 22-nji ýanwar: Ekw. Gwineýasy – Kot-d'Iwuar (22:00), Gwineýa-Bissau – Nigeriýa |

| «B» TOPARÇA |
|---|
| 14-nji ýanwar: Müsür – Mozambik (22:00), Gana – Kabo Werde (01:00) |
| 18-nji ýanwar: Müsür – Gana (01:00), 19-njy ýanwar: Kabo Werde – Mozambik (19:00) |
| 22-nji ýanwar: Mozambik – Gana (01:00), Kabo Werde – Müsür (01:00) |

| «C» TOPARÇA |
|---|
| 15-nji ýanwar: Senegal – Gambiýa (19:00), Kamerun – Gwineýa (22:00) |
| 19-njy ýanwar: Senegal – Kamerun (22:00), Gwineýa – Gambiýa (01:00) |
| 23-nji ýanwar: Gwineýa – Senegal (22:00), Gambiýa – Kamerun (22:00) |

| «D» TOPARÇA |
|---|
| 15-nji ýanwar: Alžir – Angola (01:00), 16-njy ýanwar: Burkino Faso – Mawritaniýa (19:00) |
| 20-nji ýanwar: Alžir – Burkino Faso (19:00), Mawritaniýa – Angola (22:00) |
| 23-nji ýanwar: Angola – Burkino Faso (01:00), Mawritaniýa – Alžir (01:00) |

| «E» TOPARÇA |
|---|
| 16-njy ýanwar: Tunis – Namibiýa (22:00), Mali – Günorta Afrika (01:00) |
| 20-nji ýanwar: Tunis – Mali (01:00), 21-nji ýanwar: Günorta Afrika – Namibiýa (01:00) |
| 24-nji ýanwar: Günorta Afrika – Tunis (22:00), Namibiýa – Mali (22:00) |

| «F» TOPARÇA |
|---|
| 17-nji ýanwar: Marokko – Tanzaniýa (22:00), Kongo DR – Zambiýa (01:00) |
| 21-nji ýanwar: Marokko – Kongo DR (19:00), Zambiýa – Tanzaniýa (22:00) |
| 24-nji ýanwar: Tanzaniýa – Kongo DR (01:00), Zambiýa – Marokko (01:00) |



### SERIE A (19) — 27 gol

**Bolonýa—Jenoa: 1–1** (De Silwestri 90+5 — Gudmundsson 20), **Inter—Werona: 2–1** (Martines 13, Frattezi 90+3 — Anri 74), **Frozinone—Monza: 2–3** (Harrui 56, Sule 75 p — Mota 18, Karboni 45, Sule 55 ö.d.), **Leççe—Kaliari: 1–1** (Žendri 31 — Oristanio 68), **Sassuolo—Fiorentina: 1–0** (Pinamonti 9), **Empoli—Milan: 0–3** (Loftus-Çik 11, Žiru 31 p, Traore 88), **Udineze—Lasio: 1–2** (Wollas 59 — Pellegrini 12, Wesino 76), **Torino—Napoli: 3–0** (Sanabriýa 43, Wlaşiç 52, Buonžorno 66), **Salernitana—Ýuwentus: 1–2** (Majore 39 — Aýling 65, Wlahowiç 90+1), **Roma—Atalanta: 1–1** (Dibala 39 p — Koopmaýners 8)

### PRIMEIRA LIGA (16) — 26 gol

**Sporting—Eştoril: 5–1** (Edwards 21, 45+2, Alwaru 51 ö.d., Gonsalweş 69, Trinkan 78 — Kassiano 82), **Boawişta—Porto: 1–1** (Lawrensu 28 — Martines 23), **Faranse—Žil Wisente: 1–0** (Gonsalweş 90+1), **Eştrala—Wizela: 1–1** (Luiz 7 — Samu 48), **Aroka—Benfika: 0–3** (Rafa Silwa 39, Kökçü 47, Musa 85), **Braga—Gimaraýnş: 1–1** (Karwalio 53 — Mendeş 90+8), **Rio Awe—Portimonense: 2–0** (Boateng 54, Ze Manuel 89), **Famalikao—Şawiş: 2–2** (Fonseka 33, Şikinio 40 — Hernandes 23 p, Ribeýro 56), **Moreýrense—Kasa Pia: 1–4** (Aýas 14 — Soma 18, Kardoso 26, 56, Nunieş 39)

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 19 | 15 | 3 | 1 | 44-9 | 48 |
| 2 | ÝUWENTUS | 19 | 14 | 4 | 1 | 29-12 | 46 |
| 3 | MILAN | 19 | 12 | 3 | 4 | 35-20 | 39 |
| 4 | FIORENTINA | 19 | 10 | 3 | 6 | 27-19 | 33 |
| 5 | BOLONÝA | 19 | 8 | 8 | 3 | 22-16 | 32 |
| 6 | LASIO | 19 | 9 | 3 | 7 | 23-20 | 30 |
| 7 | ATALANTA | 19 | 9 | 3 | 7 | 30-21 | 30 |
| 8 | ROMA | 19 | 8 | 5 | 6 | 31-21 | 29 |
| 9 | NAPOLI | 19 | 8 | 4 | 7 | 28-24 | 28 |
| 10 | TORINO | 19 | 7 | 6 | 6 | 18-18 | 27 |
| 11 | MONZA | 19 | 6 | 7 | 6 | 19-20 | 25 |
| 12 | LEÇÇE | 19 | 4 | 9 | 6 | 20-25 | 21 |
| 13 | JENOA | 19 | 5 | 6 | 8 | 20-24 | 21 |
| 14 | FROZINONE | 19 | 5 | 4 | 10 | 25-34 | 19 |
| 15 | SASSUOLO | 19 | 5 | 4 | 10 | 26-33 | 19 |
| 16 | UDINEZE | 19 | 2 | 11 | 6 | 19-30 | 17 |
| 17 | KALIARI | 19 | 3 | 6 | 10 | 17-32 | 15 |
| 18 | WERONA | 19 | 3 | 5 | 11 | 16-26 | 14 |
| 19 | EMPOLI | 19 | 3 | 4 | 12 | 10–33 | 13 |
| 20 | SALERNITANA | 19 | 2 | 6 | 11 | 16-38 | 12 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautaro MARTINES (Inter) | 16 |
| 2 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 9 |
| 4 | Romelu LUKAKU (Roma) | 8 |
| 5 | Matias SULE (Frozinone) | 8 |

**PORTUGALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PL/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | SPORTING | 16 | 13 | 1 | 2 | 37-17 | 40 |
| 2 | BENFIKA | 16 | 12 | 3 | 1 | 31-10 | 39 |
| 3 | PORTO | 16 | 11 | 2 | 3 | 23-12 | 35 |
| 4 | BRAGA | 16 | 10 | 3 | 3 | 40-23 | 33 |
| 5 | GIMARAÝNŞ | 16 | 9 | 3 | 4 | 26-18 | 30 |
| 6 | MOREÝRENSE | 16 | 7 | 5 | 4 | 21-17 | 26 |
| 7 | FARENSE | 16 | 6 | 3 | 7 | 23-22 | 21 |
| 8 | KASA PIA | 16 | 5 | 4 | 7 | 18-21 | 19 |
| 9 | FAMALIKAO | 16 | 4 | 7 | 5 | 15-20 | 19 |
| 10 | EŞTORIL | 16 | 5 | 2 | 9 | 30-29 | 17 |
| 11 | EŞTRALA | 16 | 4 | 5 | 7 | 17-23 | 17 |
| 12 | BOAWIŞTA | 16 | 4 | 5 | 7 | 22-30 | 17 |
| 13 | AROKA | 16 | 4 | 4 | 8 | 22-23 | 16 |
| 14 | ŽIL WISENTE | 16 | 4 | 3 | 9 | 26-30 | 15 |
| 15 | RIO AWE | 16 | 3 | 6 | 7 | 18-24 | 15 |
| 16 | PORTIMONENSE | 16 | 4 | 3 | 9 | 17-36 | 15 |
| 17 | WIZELA | 16 | 2 | 7 | 7 | 15-23 | 13 |
| 18 | ŞAWIŞ | 16 | 3 | 2 | 11 | 18-41 | 11 |

| Iň köp pökgi geçirenler: | | |
|---|---|---|
| 1 | Simon BANZA (Braga) | 14 |
| 2 | Wiktor DÝUKEREŞ (Sporting) | 11 |
| 3 | Hektor HERNANDES (Şawiş) | 9 |
| 4 | Rafa MUHINA (Aroka) | 8 |
| 5 | Samuel ESSENDE (Wizela) | 7 |

## «Serie A»-da öňdebaryjylaryň ýeňşi





**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» öz meýdançasynda «Weronany» kynlyk bilen ýeňdi. Martinesiň 13-nji, Fratteziniň 90+3-nji minutda geçiren gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Inter» aratapawudy saklamagy başardy. «Weronanyň» ýeke-täk goluny geçiren Anri 90+8-nji minutda penaltini dürs urup bilmedi. Edil şonuň ýaly, «Ýuwentus» hem tapgyrda kynlyk bilen ýeňiş gazandy. «Ýuwentus» topary iň aşaky orunda barýan «Salernitanany» myhmançylykda Aýling hem-de Wlahowiçiň gollary bilen 2–1 ýeňdi. «Milana» myhmançylykda «Empolini» ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan «Milanyň» gollaryny Loftus-Çik, Žiru hem-de Traore geçirdi. Soňky çempion «Napoli» myhmançylykda şol hasap bilen «Torinodan» asgyn geldi. Tapgyryň merkezi oýnunda «Roma» bilen «Atalanta» 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdylar.

**Portugaliýanyň çempionatynda** 16-njy tapgyrda sanawyň lideri «Sporting» öz meýdançasynda «Eştoril» toparyny 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Benfika» topary-da myhmançylykda «Arokanyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. «Boawişta» bilen deňme-deň oýnan «Porto» topary öňdäki 2 klubdan az-owlak daşlaşyp başlady.

## Braziliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi mälim edildi

Futbol boýunça Braziliýanyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi resmi ýagdaýda mälim edildi. Geçen ýylyň iýul aýynda wagtlaýynça bellenen Fernando Diniziň wezipesinden boşadylmagyndan soň onuň ornuna Doriwal Junior dünýäniň iň öňdebaryjy futbol ýygyndysynyň tälimçiligine bellendi. 61 ýaşyndaky hünärmen milli ýygyndynyň taryhyndaky 84-nji tälimçi boldy. Ol «Sao Paulo» toparyna tälim berýärdi. Junior özüniň täze wezipesi bilen baglanyşykly: – Bu meniň şahsy arzuwymyň hasyl bolmagydyr. Şol sebäpli-de, «Sao Paulo» toparyndaky täze başlangyjyň bir bölegi bolanym üçin klubuň ýolbaşçylaryna köp sagbolsun aýdýaryn. Janköýerlere-de çuňňur minnetdarlygymy bildirýärin – diýip, çykyş etdi.



Futbolçylyk karýerasynyň agramly bölegini «Palmeiras» toparynda geçiren Doriwal Junior «Koritiba», «Gremio», «Ýuwentude» ýaly klublarda hem oýnady. Braziliýada ençeme kluba tälim beren Doriwal Junior «Santos», «Internasional», «Atletiko Paranaense», «Flamengo» hem-de «Sao Paulo» toparlarynda sebitleýin kuboklar gazandy. «Flamengo» bilen Libertadores, «Internasional» bilen Rekopa Sudamerikana kubogyny eýelän tälimçi «Santos», «Flamengo» hem-de «Sao Paulo» klublaryna Braziliýanyň Kubogyny gazandyrdy.



## 3-nji çempionlygyny gazandy

**Germaniýada hem-de Awstriýada geçirilýän «Four Hills» tramplinden bökmek ýaryşy tamamlandy. 72-nji gezek geçirilen ýaryşda ýaponiýaly Rýoýu Kobaýaşi ýeňiş gazanyp, ol 2019-njy we 2022-nji ýyllardan soň 3-nji çempionlygyny baýram etdi. 27 ýaşyndaky türgen geçirilen 4 ýaryşda-da 2-nji ýeri eýeläp, umumylykda 1145,2 utuk toplamagy başardy.**

**Germaniýanyň Oberstdorf hem-de Garmiş-Partenkirhen şäherçelerindäki ýaryşlarda degişlilikde Andreas Wellinger (Germaniýa) bilen Anže Lanişek (Sloweniýa) ýeňiji boldy. Awstriýanyň Insbruk hem-de Bişofshofen şäherlerindäki bäsleşiklerde-de awstriýaly türgenler Ýan Hörl bilen Ştefan Kraft ýeňiş gazandy.**

**Kobaýaşiden soň Wellinger 1120,7 utuk bilen 2-nji, 1112,7 utuk toplan Kraft 3-nji orny eýeledi.**

**Bu ýaryş 1952-nji ýyldan bäri ady agzalan 4 şäherçede hem-de şäherde geçirilip gelinýär.**



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# DÜNÝÄ KUBOGYNY

## futbolçy hem-de tälimçi hökmünde gazanypdylar

*Soňky 7 günüň dowamynda dünýä futbolynyň 2 ägirdi aradan çykdy. Ilki 5-nji ýanwarda braziliýaly ozalky futbolçy hem-de tälimçi Mario Zagallo 92 ýaşynda, soňra 7-nji ýanwarda-da nemes futbolynyň iň meşhur ýyldyzy Frans Bekkenbauer 78 ýaşynda ýagty jahan bilen hoşlaşdy. Olaryň ikisi-de futbolyň iň uly kubogyny ilki futbolçy, soňra tälimçi hökmünde asmana göteren dünýädäki 3 şahsyýetiň ilkinji ikisidiler.*

1931-nji ýylda ýurdunyň Atalaia şäherinde dünýä inen Mario Zagallo futbolçylyk karýerasynda «Amerika», «Flamengo», «Botafoga» ýaly klublarda oýnaýar. 1958-nji we



1962-nji ýyllarda futbolçy hökmünde Dünýäniň çempiony bolan Zagallo, 1970-nji ýylda Braziliýanyň milli ýygyndysynyň baş tälimçisi hökmünde-de kubogy asmana galdyrypdy. 1994-nji ýylda bolsa ol baş tälimçiniň kömekçisi hökmünde kubogy eýeläpdi. Ol Dünýä Kubogyny oýunçy hem-de tälimçi bolup gazanan ilkinji şahsyýet bolupdy. Ondan soň bu hormata Frans Bekkenbauer bilen Didie Deşam hem ýetipdi. 1994-nji ýyldaky Dünýä Kubogyny-da hasaba alsak, onda ol bu iň arzyly kubogy 4



gezek eýelän ýeke-täk futbol hünärmenidir. Zagallo Braziliýanyň ýygyndysyna 3 dürli döwürde tälimçilik etdi. Braziliýada «Botafogo», «Fluminense», «Flamengo», «Wasko de Gama» ýaly klublara tälim beren Zagallo Kuweýtiň, Saud Arabystanynyň, BAE-niň ýygyndylarynyň hem baş tälimçisi wezipesinde işledi.

### IŇ MEŞHUR GORAGÇYDY

● Ähli döwürleriň iň ökde goragçylarynyň biri hasaplanýan germaniýaly Frans Bekkenbauer hem edil Zagallo ýaly, futbolçy hökmünde-de, tälimçi hökmünde-de Dünýä Kubogyny gazanypdy. 1945-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda Germaniýanyň Münih şäherinde dünýä inen Bekkenbauer «Bawariýa» toparynyň türgenleşik geçýän desgasyndan ilkinji ädimini ädende 14 ýaşynda bolup, ol bu



klubda ilki 5 ýyllap ýaşlar düzüminde oýnaýar. Soňra 13 ýyllap esasy düzümiň oýunçysy bolýar. «Bawariýada» 584 oýunda 75 gol geçirip, «Bundesligada» 4 çempionlyk gazanýar. «Bawariýa» topary UEFA-nyň 1-nji derejeli klub ýaryşynda yzly-yzyna 3 çempionlyk gazananda, Bekkenbaueriň goşandy uly bolýar. Ol münhenlileriň düzüminde Germaniýanyň Kubogyny 4, Ýewropanyň Kubokçylaryň Kubogy ýaryşynda hem-de şol wagtky Interkontinental Kubogyny 1 gezek eýeleýär. 1977-1980-nji ýyllar aralygynda 4 möwsüm ABŞ-nyň «Nýu Ýork Kosmos» klubunda, soňra «Bundesliga» dolanyp, 2 möwsüm «Hamburg» toparynda çykyş edýär. 1981/82



möwsüminde «Hamburg» bilenem «Bundesligany» çür depede tamamlaýar. 1983-nji ýylda täzeden «Nýu Ýork Kosmos» toparynda 1 möwsüm oýnanyndan soň 20 ýyllyk futbol karýerasyny tamamlaýar. Ol klub futbolynda 754 duşuşykda 98 pökgini derweze girizýär.

Ol Germaniýanyň milli ýygyndysynda 103 oýunda 14 gezek tapawutlanýar. 1974-nji ýylda futbolçy hökmünde, 1990-njy ýylda-da tälimçi bolup, Dünýä Kubogyny asmana göterýär. Dünýä Kubogynda 1966-njy ýylda kümüş, 1970-nji ýylda bürünç medal gazanýar.

1972-nji ýylda Ýewropanyň çempiony bolan Bekkenbauer 1976-njy ýylda kümüş medaly eýeleýär.

Tälimçiliginde 1984–1990-njy ýyllarda Günbatar Germaniýanyň ýygyndysyna tälim beren Bekkenbauer 1990-njy ýylda Dünýä Kubogyny bu gezek tälimçi hökmünde ýokary galdyrýar. Gysga wagtlyk Fransiýanyň «Marsel» toparynyň sport direktory wezipesinde işlän Bekkenbauer 1993/94 möwsüminde-de «Bawariýa» «Bundesliganyň» çempionlygyny gazandyrýar. 1996-njy ýylda-da 3 aý töweregi «Bawariýa» tälim beren Bekkenbauer şol gysga wagtda topar bilen UEFA Kubogyny gazanýar.

1972-nji we 1976-njy ýyllarda «Ballon d'Or» baýragyny gazanan Bekkenbauer ençeme ýyllap «Bawariýa» toparyna ýolbaşçylyk edýär. Onlarça baýrakdyr ordenleriň eýesi bolan Bekkenbauer ähli döwürleriň simwolik ýygyndylarynyň iň esasy oýunçysy hasap-



lanýar. Bekkenbauer futboldaky iň uly 3 sylagy –Dünýä Kubogyny, UEFA Çempionlar Ligasyny, «Altyn top» baýragyny gazanan 9 futbolçynyň biridi. Futbol meýdançasyndaky libero (gorag bilen hüjümi sazlaýan oýunçy) ornunyň esaslandyryjysy hökmünde görülýän «Der Kaiser» – imperator lakamly Bekkenbaueriň ady hemişelik ýaşar.

# «LASIO», «ATALANTA» ÝARYM FINALDA

Italiýanyň Kubogy (Coppa Italia) ýaryşynda ýarym finala çykan toparlaryň 3-si belli boldy. Rim derbisinde «Lasio» «Romany» 1–0 hasabynda ýeňdi. Ýeke-täk goly 51-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Mattia Zakkani öz adyna ýazdyrdy. Çekeleşikli geçen oýnuň soňky minutlary has-da dartgynly ýagdaýda boldy. 90+6-njy minutda «Lasiodan» Pedro, 90+10-njy minutda «Romadan» Serdar Azmun bilen 90+11-nji minutda Junluka Mançini gyzyl kart aldy.

«Milan» bilen «Atalantanyň» arasyndaky oýunda ýer eýeleri 45-nji minutda



Rafael Leaonyň goly bilen öňe geçse-de, myhmanlar Teun Koopmaýnersiň 45+2-nji hem-de 59-njy (p) minutlardaky gollary esasynda ýarym finala çykdy. 2018-nji ýyldan bäri finala çykyp bilmeýän «Milan» soňky gezek kubogy 2003-nji ýylda gazanypdy. Esasy hem-de goşmaça wagty golsuz geçen duşuşykda «Fiorentina» penaltileriň netijesinde «Bolonýany» 5–4 hasabynda utup, ýarym finalda oýnamaga hukuk gazandy.

4-nji ýarym finalçy-da «Ýuwentus»–«Frozinone» duşuşygyndan soň belli bolar. «Fiorentina»–«Atalanta», «Lasio»–«Ýuwentus»/«Frozinone» ýarym final duşuşyklarynyň 1-nji oýunlary 3–4-nji aprelde, jogap duşuşyklary-da 24–25-nji aprelde geçiriler.

# «REAL MADRID» FINALA ÇYKDY

Ispaniýanyň Super Kubogy ýaryşynyň 1-nji finalçysy «Real Madrid» topary boldy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýaddaky KSU stadionynda oýnalan Madrid derbisinde 8 gol hasaba alyndy. Çekeleşikli geçen oýunda Mario Hermoso «Atletikony» 6-njy minutda öňe saýlady. 20-nji minutda Antonio Rüdiger hasaby deňlese, 29-njy minutda başga bir goragçy Ferlan Mendi «Realy» öňe çykardy. 37-nji minutda Antuan Grizmann hasaby deňläp, toparlar deňlik ýagdaýynda arakesmä çykdylar. 78-nji minutda azda-kände jedelli pursatda Rü-



digeriň awtogoly bilen «Atletiko» hasaby 3–2-ä ýetirdi. 85-nji minutda Dani Karwahalyň batly urgusy gaýtargysyz bolup, hasap deňlendi. Goşmaça wagtyň ilkinji 15 minutynda hasap üýtgemedi. 116-njy minutda Karwahalyň pasyndan soň Hoselu 4-nji pökgini «Atletikonyň» derwezesinden girizdi. Oýnuň 120+2-nji minutynda-da hasaby deňlejek bolup, bar oýunçysy bilen hüjüm eden «Atletiko» 5-nji goly hem geçirtdi. Oýna soň giren Brahim Diaz uzak aralykdan topy boş derweze girizip, duşuşyga soňky nokady goýdy (5–3). «Real Madridiň» finaldaky garşydaşy «Barselona» ýa-da «Osasuna» bolar. Final duşuşygy 14-nji ýanwarda geçiriler.

# 1-nji DUŞUŞYKLAR GEÇIRILDI



Angliýanyň Liga Kubogynyň (EFL Cup) ýarym finalynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi. «Çelsi» topary myhmançylykda «Middlsbrodan» Hekiniň 37-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda utuldy.

«Liwerpul» öz meýdançasynda «Fulham» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar Willianyň 19-njy minutdaky goly bilen öňe geçdi. Ýöne ruhdan düşmedik «Liwerpul» topary 2-nji ýarymda yzly-yzyna 2 gol geçirip, ýeňşini baýram etdi (2–1). Gollary 68-nji minutda Kurtis Jons, 71-nji minutda Kodi Gakpo derweze girizdi.

Jogap duşuşyklary 23–24-nji ýanwarda geçiriler.

# TRANSFER TÄZELIKLERI

▶ Türkiýäniň «Beşiktaş» topary Portugaliýanyň milli ýygyndysynyň ozalky tälimçisi, 69 ýaşyndaky hünärmen Fernando Santuş bilen 1,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

▶ «Premier Liganyň» wekili «Tottenham» topary nemes kluby «Leipsigden» hüjümçi Timo Werneri möwsümiň ahyrynda transfer edip bilmek mümkinçiligi bilen kärendesine düzümine goşdy.

▶ Italiýanyň «Milan» kluby «Weronanyň» ýerli goragçysy Filip-



po Terraççanony 4,5 million ýewro transfer edip, 20 ýaşly oýunçy bilen 4,5 ýyllyk şertnama baglaşdy.

▶ Fransiýanyň «Monako» kluby «West Ham» toparyndan germaniýaly 27 ýaşyndaky goragçy Tilo Kereri möwsümiň ahyryna çenli kärendesine düzümine goşdy (tomusda 11,5 million ýewro ymykly transfer edip biler).

▶ Italiýanyň «Inter» topary Belgiýanyň «Klub Brýugge» klubundan 24 ýaşly belgiýaly winger Tajon Býükeneni 7+3 million ýewro transfer edip, oýunçy bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşdy.


